**G. Çaryýew**

# AKTYORYN SAHNA HEREKETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Turkmenistanyn Bilim ministrligi tarapyndan hodurlenildi*

Aşgabat
Turkmen dowlet neşiryat gullugy
2017

UOK 792:378
Ç 20

**Çaryýew G.**
**Ç 20** **Aktýoryň sahna hereketi.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. –A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

Bu okuw kitabynda aktýorçylyk hünärinde okaýan talyplaryň sahnada nähili hereket etmelidikleri hakynda hünär derejesinde gürrüň berilýär. Olar teatr sungatynda ýa-da kino sungatynda keşp janlandyrmakda şol keşpleriň şowly çykmagy üçin aktýoryň öz zehininiň köp böleginiň hereket bilen baglydygyny unutmaly däldirler. Eger aktýoryň sahnada ýerine ýetirýän hereketleri göze ýakymly bolmasa, onda biz oňa gowy oýnaýar diýip bilmeris. Şonuň üçin geljekki aktýorlaryň talyplyk döwürlerinden bedenleriniň hereket bilen taplanmaklygy ýola goýulýar. Olaryň ýerine ýetirýän hereketleriniň aň bilen berk baglanyşyklydygy öwredilýär. Aktýoryň hereketi onuň ýol görkezijisi bolup durýar.

TDKP № 176, 2017 KBK 85.4 ýa 73

© G. Çaryýew, 2017.



**TURKMENISTANYN PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



TURKMENISTANYN DOWLET TUGRASY



TURKMENISTANYN DOWLET BAYDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňe sürýän bilim ulgamyny ösdürmek baradaky başlangyjy barha rowaçlanýar. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde milli teatr sungatymyzyň üsti bilen halkymyzyň şöhratly taryhy geçmişi, beýik Garaşsyzlyk döwrümizde ýeten belent derejesi ussatlyk bilen görkezilýär. Bular bolsa halkymyzyň Watana, il-güne bolan söýgüsini has hem berkitmäge uly ýardam edýär.

Teatr we kino sungatynyň jemgyýetde tutýan orny juda uludyr. Şol gözel sungaty döretmekde bolsa, gowy aktýorlary ýetişdirmek zerurdyr. Şonuň üçin biz öňki ýaşap geçen zehinli teatr we kino aktýorlarymyzyň goýup giden döredijilikli ýollaryny öwrenip, geljekki aktýorlarymyzyň hem kämil bolup ýetişmekleri barada dürli maglumatlary öwrenmelidiris. Teatr we kino sungaty – bu hemişe durmuşyň ähli wakalaryny ýatladyp duran ojakdyr. Dünýä döräp şu güne çenli teatr we kino sungatynda goýlan eserleriň hemmesinde diýen ýaly adamzat durmuşynyň başdan geçiren ýagşy-ýaman wakalary beýan edilip gelinýär.

Durmuşy teatr we kino sungatsyz göz öňüne getirmegem kyn. Biz ruhy lezzeti nireden alardyk?! Dogry, kitap okap dünýä edebiýatyny we dünýä taryhyny bilerdik. Emma şonda-da: «Wah şol wakalary öz gözüň bilen görüp bolsady» diýerdik. Eseri okap, onuň agyna-garasyna düşünýärsiň. Ýöne adamynyň isleg-hyýaly has köp bolansoň, göz öňüne getirijiligi artyp başlaýar. Ine, şu ýerde-de teatr we kino sungatynyň zerurdygy aýan bolýar.

Sungatyň düýp esasynda durmuşdaky hakykat we ondaky synlaýan zatlarymyz bar. Şol hakykatlar döredijiniň zehinini baýlaşdyrýar. Hakykat aktýoryň döredijilik pikirini anyklaýar we onuň oýlap tapyjylygyny ösdürýär. Döredijiniň durmuşa synynyň we emosional ýatkeşliginiň baýlygy onuň döretjek keşbiniň we eseriniň sahna

hereketiniň düýbüni tutujy bolup durýar. Aýratyn zehinli döredijiligi bolan adamlar, ýokary derejeli sahna hereketiniň ussatlary aktýorlar we režissýorlar hakyky sungat eserlerini döredip bilýärler.

Hyýaly göz öňüne getirijiligi aktýora keşpdäki we spektakldaky pikir mazmunyny kämil we sazlaşykly hereket bilen görkezmäge kömek edýär. Okuw bilen teatryň arasynda boşluk bolmaly däldir. Teatr we kino sungaty aktýorlardan uly döredijilik ussatlygyny talap edýär. Aktýorlaryň dürli eýýamdaky wakalary dürli žanrdaky we stildäki janlandyrýan keşpleri ondan daşky hereketiniň ritmi duýujylygyny we sazlaşykly hereket etmegini talap edýär. Biz muňa mysal edip özüniň ugurtapyjylygy bilen, sazlaşykly hereketleri bilen özüni dünýä tanadan meşhur Hytaý aktýory Jeki Çany aýdyp bileris. Onuň oýnan filmleri bütindünýä bellidir. Aktýoryň «Kim men?» atly filmde janlandyran keşbinde nähili kyn hereketleri ussatlarça ýerine ýetirýändigi, belki siziň ýadyňyzdadyr. Onuň şol derejä çenli taplanmagy bolsa her bir tomaşaçyny haýrana galdyrýar. Aktýoryň haýsy düşen kinosyny alyp görseň, oňa hereket döretmegiň şasy diýesiň gelýär. Ol özüniň janlandyrýan keşplerinde içki duýgusy bilen hereket sazlaşygyny şeýle bir gabat getirip bilýär. Söz täsiriniň pes bolan ýerinde-de, onuň öwezini sazlaşykly hereketleriniň üsti bilen doldurýar. Ol oýnan keşplerinde durmuşda gabat gelýän ähli kynçylyklary özüniň sazlaşykly hereketleri bilen ýeňip geçip bolýanlygyny görkezýär. Islendik bir zady eline alsa, oňa ussatlarça erk edip, hereket gözelligini döredip bilýär. Ol eliniň üstünde ýöremegi, bökmegi, ýykylmagy, aşyr atmagy, islendik kyn hereketleri ýeňillik bilen ýerine ýetirýär. Bu bolsa, hemmelere aktýoryň hereket ussatlygynyň gaty täsirli bolmalydygyny subut edýär. Adaty içki we daşky usul başdan geçirme hem-de beýan etmek usuly barada gürrüň açylýar. Emma sahnada ýönekeý fiziki hereket edilende, onuň amala aşmagy üçin diňe beden myşsalaryny däl-de, eýsem, bütin nerw ulgamynam goşmalydyr. Meselem, haçan-da garşydaşyňy urmak üçin çakgan hereket edilende, muňa diňe beden myşsalary däl-de, eýsem, nerw we erk hem goşulýar. Onuň üstesine-de, beden myşsalarynyň işi tutuşlaýyn we doly göwrümde islege tabyn bolýar. Bu fiziki herekete aktýoryň bütin durky gatnaşýar.

Daşky we içki usulyň sazlaşykly birleşmegi aktýoryň döredijilik prosesiniň düýp esasy bolup durýar. Aktýorda aýratyn zehinlilik we psihotehnika ösen bolmaly. Aktýoryň zehinliligi – bu ondaky tebigy berlen aýratynlygy (aýratyn özboluşly häsiýet, obrazly pikirlenmek ukyby, sahnada maýyl edijilik daşky görki) we öz kärini ussatlyk bilen ýerine ýetirmek üçin möhüm bolan ünslüligi, synçylygy, tizligi, çeýeligi, çalasynlygy, sazlaşyklylygy, saz duýujylygy we çydamlylygy bilen baglydyr.

Aktýor çeper keşp döredende ýokarda agzalan häsiýetlerini edýän hereketlerinde ulanmagy başarmaly. Aktýoryň psihotehnikasy diýip onuň çeper keşbi janlandyrmakda ulanýan kabul edijilik, baha berijilik we ýerine ýetirijilik (üns, pikir, emosiýa, hereket, gürleýiş) häsiýetlerine aýdylýar.Teatr sungatynda aktýora sazlaşykly hereket etmeklik terbiýesine uly üns berilýär. Sahnadaky aktýoryň hereketi has täsirli aýdyň bolanda ýerine düşýär. Durmuşda ýeňil hereket edýän sport bilen meşgullanýan adamlara çeýe diýilýär. Bu durmuşda ulanylýan umumy düşünjä gabat gelýär. Emma sahnada bu ýeterlik däldir. Köplenç, fiziki taýdan gurply aktýorlar durmuşda ýeňil erkin hereket etselerem, sahnada keşp janlandyranlarynda gowuşgynsyz bolýarlar. Bu näme bilen düşündirilýär?!

Munuň aňyrsynda onuň keşbi göz öňüne getirijiligine we oýlap tapyjylygyna ynamynyň gowşaklygy ýatyr. Adam sportda diňe fiziki güýje uly üns berip, ýerine ýetirmeli zadyny edýär. Ol ylgamaly bolsa ylgaýar, bökmeli bolsa bökýär, ýüzmeli bolsa ýüzýär, bular diňe fiziki hereketlerdir.

Emma aktýoryň öňünde durýan jogapkärçilik düýbünden başga zatdyr. Onuň ähli edýän hereketiniň aňyrsynda täsirli many bolmalydyr. Biz muňa mysal edip XX asyryň iň meşhur aktýorlarynyň biri Çarli Çaplini aýdyp bileris. Onuň sungatda döreden ähli keşpleri diýen ýaly diňe hereketiň üsti bilen tomaşaçynyň aňyna ýetirilýär. Ol özüniň gülkünç sypaty bilen sazlaşykly hereketleri edende, tomaşaçy üçin has hem gülkünç we gyzykly bolýar. Onuň edýän hereketleri adamyň durmuşda edýän hereketine meňzemeýär. Ol beýik aktýor özi üçin üýtgeşik bir täsirli hereketi tapyp bilipdir. Ine, aktýoryň esasy aýratynlygy bolsa, onuň edýän hereketleriniň başga biriniňkä meňzemeýänligindedir. Şeýle sahna ussatlygyna ýetmek üçin bolsa

aktýorlyk hünäri gaty köp zähmeti talap edýär. Aktýoryň göz öňüne getirijiligi näçe ýokary boldugyça, ol janlandyrýan keşbindäki waka ýeňil we tiz girişýär. Bu ýerde özara gatnaşyk bolup geçýär. Bir tarapdan, göz öňüne getirijilik we oýlap tapyjylygyna ynamy keşpdäki özüni alyp barşynda esasly (oňaýly) alyp barmaga kömek edýär. Beýleki bir tarapdan, esasly özüni alyp barmaga döredijilik arzuw hyýaly we keşbi aňlatmakda hemmetaraplaýyn usuly ulanmaga kömek edýär.

Sazlaşykly aňladyjy (şöhlelendiriji) diýip biz keşbiň düýp manysyny açyp görkezmek üçin tebigy zehinini we öwrenen usullaryny ulanyp bilýän adama aýdýarys.

Biz: «Serediň, aktýor nähili gowy oýnaýar, ýöne erbet hereket edýär» diýemizok. Eger-de ol gowy hereket etmeýän bolsa, onda ol, mümkin keşbini gowy ýerine ýetirenok. Şuňa barabar biz hiç wagt «Serediň, aktýor erbet oýnaýar, ýöne gowy hereket edýär» diýemizok. Çünki bu ýagdaýda aktýoryň sazlaşykly hereketi, megerem, onuň roly bilen düýbünden baglanyşykly däldir. Keşbiň sazlaşykly aňladyjy hereketi bu döredijiligiň başlangyjydyr. Şol sebäpli ony keşbi döretmekdäki iş prosesi bilen baglanyşykly däl diýip göz öňüne getirmeli däl.

Aktýoryň we režissýoryň işinde ölçeg duýgusy we çeperçilik duýgusynyň bolmagy uly rol oýnaýar. Adaty durmuşda boglup öldürilýän adam hyrkyldap we titräp jan berýär. Agyr ýaralanan adam gütläp ýykylýar. Emma şu wakalar sahnada, sahna hereketiniň estetiki talaplaryna laýyk gelmelidir. Tomaşaça sahnada bolup geçýän wakalaryň estetiki duýgularyny başdan geçirmek möhüm. Aktýor we režissýor tarapyndan şu şertler bozulanda, sungatyň estetiki kadalarynyň bozulmagy bolýar. Biz erbet keşpdäki adamy ýigrenip bileris, emma ony ýerine ýetirip bilýän aktýoryň ussatlygyna buýsanýarys. Biz muňa mysal edip Hindi kinosynyň taryhynda özüni erbet keşpleri janlandyryp tomaşaçylaryň aňynda ýigrenç döredip bilen belli aktýor Amriş Purini bilýäris. Onuň oýnan filmleriniň käbirini size ýatladýarys. Ol «Tansçy disko» we «Tans et, tans et» atly kinolarda husyt, açgöz, päliýaman adamynyň keşbini janlandyrýar. Emma biz onuň durmuşda tutýan ornuny okanymyzda onuň gaty sada, mylaýym adamdygyna göz ýetirýäris. Ine, şu ýerde biz aktýoryň näderejede öz işiniň ussadydygyna göz ýetirýäris. Spektaklda bellibir deňagramlylygyň saklanmagy hökman, bu ýerde tereziniň bir tarapynda aktýoryň daşky usuly, beýleki

bir tarapynda joşgunlylygy, hyjuwlylygy bolmaly. Haçan-da aktýoryň emosiýasy onuň tehnikasyndan üstün çykýan bolsa, ýerine ýetirijiligi doly göwrümde bolanok. Bu ýagdaýda haçan-da aktýoryň içki hyjuwy ýeterlik däl bolanda, waka özüniň manysyny we duýgusyny ýitirýär. Oýun sünnälenip öwrenilen, ýöne hiç zady aňlatmaýan hereketi görkezýär.

Aktýoryň ideýaly, maksada okgunlylygy, çeperçilik göz öňüne getirijiligi, içki, daşky tehnikanyň sazlaşykly utgaşmagy drama eseriniň ynandyryjy we ýokary çeperçilikli bolmagy üçin möhüm şertdir. Aktýoryň döredijiliginde hereketiň we sözleýşiň sazlaşykly birliginiň bolmalydygynyň uly ähmiýetiniň barlygyny belläp geçmeli. Dramaturg öz eserini ýazýar. Awtor wakanyň bolup geçýän wagtyny we gurluşyny görkezýär. Eseriň (ideýasy) bütin manysy we wakasy tekstiň üsti bilen beýan edilýär. Režissýor we aktýor dramaturgyň eserini sahnada oýnap, ýerine ýetirýär. Olar eserdäki hereketleri eseriň ritmini we mizanssenasyny ýazyp gutarýarlar. Hut şonuň üçinem eseriň sazlaşykly hereketleriniň onuň sözli hereketi bilen goşulyp gitmegi hökmandyr. Režissýor we aktýor eseriň we keşbiň üstünde işläninde takyk, has aňladyjy fiziki täsirli hereketi we mizanssenany saýlap almaga uly üns berýär. Käwagt ol ýa-da beýleki hereket, aktýora keşbiň düýp manysyny açyp görkezmäge duýdansyz joşgun berýär. Saýlama diýen sözüň birnäçe many aňladýanlygyny ýatdan çykarmaly däldir. Nämede bolsa bellibir zady saýlap almaklyk haçan-da sahna hereketiniň çözüwiniň birnäçe görnüşi bar bolanda mümkindir. Elbetde, bu ýerde aňladyjy usullaryň saýlanylmagy bolup geçenok. Şu mesele barada durup geçmegimiziň sebäbi, onuň aktoryň sazlaşykly hereketi bilen gös-göni baglanyşyklylygy we ondan garaşlylygy üçindir. Aktýor sazlaşykly herekete näçe baý bolsa, onuň aňladyjy hereketlerine giň gerim açylýar. Aktoryň göz öňüne getirijiligi, oýlap tapyjylygy, çeperçilik ussatlygy we hemmetaraplaýyn tehnikasy bir ýere birleşende, sazlaşykly aňladyjy keşpde gaýtalanmaýan tapyndylar emele gelýär.

Aktýora keşbi hemmetaraplaýyn açyp görkezmekde diňe bir söz ýeterlik däl. Öz bedenini aňladyjy hereketsiz görkezende ol özüniň döredýän keşbini garyplaşdyrýar. Öz bedenine erk edip bilmeýän aktýor hereket etmäge gorkýar we hereketsiz ýagdaýy saýlap

alýar. Ol keşbe mümkinçilik berilýän halatynda hem hereketsiz mizanssenalar saýlap alýar. Emma bu onuň üçin çykalga däl. Sebäbi gymyldysyz durmaklyk ondan has aňladyjylygy talap edýär. Öz bedenine erk edip bilýän aktýor hereketiň we şekiliň aýdyňlygyna ýetýär. Onuň çeperçilik arzuw-hyýaly giň bolýar. Sebäbi onuň aňynda keşp janlanýar. Ine, şeýle aktýorlaryň ýene biri özüni dünýä meşhur eden rus aktýory Andreý Mironowdyr. Onuň «Brilliant el» atly filminde janlandyran keşbi diýseň ýerine düşendir. Şol filmiň islendik ýerindäki görkezen ussatlygyna söz ýokdur. Men size aktýoryň ýekeje bir epizodyny (görnüşini) ýatladaýyn. Parahodyň üstünde aktýor Nikulin bilen barýarka aýdym aýdyp tans edýän ýerinde nähili ussatlarça hereket edýär. Ol özüniň islendik janlandyran keşplerini özüniň ugurtapyjylygy bilen şol keşbe gelişýän hereketleri ýeňillik bilen ýerine ýetirýänligidir. Ol ähli janlandyran keşplerinde aýdymam aýdýar, tansam edýär. Sebäbi aktýoryň öz sungat äleminde sahna hereketiniň tutýan ornunyň gaty ýokarydygyna düşünendigi subut edilýär. Aktýor özüne hödürlenýän ýagdaýdaky mizanssenalara sazlaşykly hereketleriň çözgüdini hut özüniň tapjak bolmagy, onda zehininiň ýitileşmegine getirýär.

# 1. AKTÝORYŇ SÜŇŇÜNI TAPLAMAK ÜÇIN GEÇILÝÄN MAŞKLAR

## Birinji ýagdaý

Aktýor göni ýagdaýda aýaklarynyň arasyny açyklykda saklap, iki elini bykynyna goýup dur. Ol kellesini bäş sapar ilki bir tarapa aýlaýar we bäş sapar beýleki tarapa aýlaýar. Ol kellesini bäş sapar öňe, bäş sapar saga, bäş sapar yza, bäş sapar çepe süýndürýär we şeýdip boýnuny gyzdyryp taba getirýär.

Ol ellerini göni ýokaryk uzadýar we barmaklaryny biri-birine degrip saklaýar hem-de goşaryndan ýokaryny aýlap başlaýar. Ol goşaryny aýlap durka bar agramyny sag aýagyna berýär-de, çep aýagyny ýerden üzüp, çep aýagynyňam iň aşaky bognuny aýlap başlaýar we az salymdan soň çep aýagyny ýere goýup, sag aýagynyň iň aşaky bognuny aýlap başlaýar.

## Ikinji ýagdaý

Aktýor göni ýagdaýda iki aýagynyň arasyny açyklykda saklap, iki elini bykynyna goýup dur. Ol ellerini göni gapdala uzadýar we barmaklaryny ýumup durýar hem-de ellerini tirseginiň bognundan aýlap başlaýar. Ol ellerini aýlap durka bar agramyny sag aýagyna berýär-de, çep aýagyny ýerden üzüp, çep aýagynyňam dyzyndan aşagyny aýlap başlaýar we az salymdan soň çep aýagyny ýere goýup, sag aýagynyň dyzyndan aşagyny aýlap başlaýar.

### Üçünji ýagdaý

Aktýor göni ýagdaýda aýaklarynyň arasyny açyklykda saklap, iki elini bykynyna goýup dur. Ol iki egnini (gollarynyň düýbüni) aýlap başlaýar. Şol ýagdaýda bar agramyny sag aýagyna berýär-de, bilini aýlap başlaýar we az salymdan soň bar agramyny çep aýagyna geçirýärde, hereketlerini dowam edýär.

### Dördünji ýagdaý

Aktýor göni ýagdaýda aýaklarynyň arasyny açyklykda saklap, iki elini bykynyna goýup dur. Ol sag elini ýokaryk uzadyp, çep elinem gapdala uzadýar we barmaklaryny ýumulgy ýagdaýda saklaýar. Ol sag elini öňe aýlaýar, çep elini tirseginiň bognundan içine aýlaýar we hemme agramyny sag aýagyna geçirýär, çep aýagyny ýerden üzýär hem-de tutuş göwresini saga tarap aýlaýar, soň bar agramyny çep aýagynyň üstüne geçirýär-de, elleriniň ýerini çalyşýar we tutuş göwresini çepe aýlap durýar.

### Bäşinji ýagdaý

Aktýor göni ýagdaýda sag aýagyny öňünde, çep aýagynam sag aýagynyň ökjesine degrip, bir çyzygyň üstünde duran ýaly ýagdaýda durýar we elleriniň barmaklaryny biri-biriniň içinden geçirip, iki elinem göni ýokaryk uzadyp durýar.

Ol öňe tarap egilýär-de, ellerini öňe süýndürýär we öňki ýagdaýyna gelýär.

Ol arkan tarap egilýär-de, ellerini süýndürýär we öňki ýagdaýyna gelýär.

Ol şol durşuna saga tarap egilýär-de, ellerini süýndürýär we öňki ýagdaýyna gelýär.

Ol şol durşuna çepe tarap egilýär-de, ellerini süýndürýär we öňki ýagdaýyna gelýär.

### Altynjy ýagdaý

Aktýor aýaklarynyň üstünde göni ýagdaýda dur. Çep aýagyny yza uzadýar, göwresi bilenem öňe egilýär, sag elini bolsa göni öňe uzadýar.

Ol çep aýagynyň üstünde durýar-da, sag aýagyny yza uzadýar, göwresi bilenem öňe egilýär, çep elini bolsa öňe uzadýar.

Ol sag aýagynyň üstünde durýar-da, göwresi bilen saga egilýär, çep aýagyny çepe tarap uzadýar, sag elini saga tarap uzadýar.

Ol çep aýagynyň üstünde durýar-da, göwresi bilen çepe egilýär, sag aýagyny sag tarapa uzadýar, çep elini çep tarapa uzadýar. Soň başdaky ýagdaýa gelýär.

## Ýedinji ýagdaý

Aktýor aýaklarynyň üstünde göni ýagdaýda dur. Ol sag aýagyny öňde, çep aýagyny yzda goýýar. Aýaklar edil bir çyzygyň üstünde goýlan ýaly, arasam ep-esli açyk bolmaly we aýaklar göni däl-de, dyzyndan epilgi bolmaly we ökjeler galdyrylgy.

Eller gapdala uzadylgy, aýasy aşak barmaklar göni bolmaly. Ol şol ýagdaýda ýuwaşlyk bilen sag tarapa eglip, sag elini pola çenli ýetirmeli, çep elini göni ýokaryk uzadýar we öňki ýagdaýyna gelýär, soň şol ýagdaýy çepe tarap ýerine ýetirýär we öňki ýagdaýyna gelýär. Soň bilinden ýokarsyny birden saga aýlaýar, soň çepe aýlaýar we başdaky ýagdaýa gelýär.

## Sekizinji ýagdaý

Aktýor aýaklarynyň üstünde göni ýagdaýda dur. Ol ellerini göni ýokaryk galdyrýar, eliniň aýalary biri-birine bakyp dur we çep aýagyny galdyryp dyzyndan epýär.

Ol göwresini öňe egýär, elleri göni öňüne bolup, azajyk aşak bakýar we öňki ýagdaýyna gelýär.

Ol aýaklarynyň ýerini çalyşýar-da öňki eden hereketlerini gaýtalaýar we öňki ýagdaýyna gelýär.

Ol aýaklarynyň ýerini çalyşýar we ellerini gapdala uzadýar-da, göwresi saga tarap egilýär, sag eli pola çenli degmeli we öňki ýagdaýyna gelýär.

Ol aýaklarynyň ýerini çalyşýar we ellerini gapdala uzadýar-da, göwresi çepe tarap egilýär, çep eli pola çenli degmeli we öňki ýagdaýyna gelýär.

Ol ellerini göni yzyna tarap uzadýar we çep aýagyny galdyrýarda, dyzyndan epýär, göwresi yza tarap egilýär, elleri pola çenli golaýlamaly we öňki ýagdaýyna gelýär.

Ol aýaklarynyň ýerini çalyşýar-da, öňki eden hereketlerini gaýtalaýar we öňki ýagdaýyna gelýär.

## Dokuzynjy ýagdaý

Aktýor aýaklarynyň üstünde göni ýagdaýda dur. Ol sag aýagyny öňde, çep aýagyny yzda goýýar. Aýaklaryň arasy ep-esli açyk ýagdaýda bir çyzygyň üstünde duran ýaly bolmaly we ökjeler galdyrylgy bolmaly.

Ol şol ýagdaýda böküp 180 gradus yzyna aýlanýar. Ol şol ýagdaýda duran ýerinde iki gezek ýokaryk bökýär-de üçünji gezek bökende 180 gradus yzyna aýlanýar we ýene 180 gradus beýleki tarapa aýlanýar.

## Onunjy ýagdaý

Aktýor aýaklarynyň üstünde göni ýagdaýda dur. Ol çep aýagyny galdyrýar-da, göni öňüne tarap uzadýar we göwresini yza gaýyşdyrýar, ellerini göni öňüne uzadýar. Elleriň aýalary biri-birine bakyp dur.

Ol şol ýagdaýda durka ýokaryk bökýär-de, aýaklarynyň ýerini çalyşýar we başdaky ýagdaýyna gelýär. Ol çep aýagyny galdyrýar-da, göni yzyna tarap uzadýar we ellerini göni yzyna uzadýar, göwresini öňe tarap gaýyşdyrýar.

Ol şol ýagdaýda ýokaryk böküp aýaklarynyň ýerini çalyşdyrýar.

## On birinji ýagdaý

Aktýor aýaklarynyň üstünde göni ýagdaýda dur. Ol bar agramyny sag aýagyna berýär-de, çep aýagynyň ökjesini galdyrýar, sag elini göni ýokaryk galdyrýar-da, tizlik bilen elini öňe tarap aýlaýar we öňki ýagdaýyna gelýär. Ol ikinji gezek ellerini öňe aýlaýar-da, tizlik bilen aşak oturýar we tizlik bilen ýerinden turanda elleriniň aýaklarynyň ýerleri çalşylgy bolmaly.

Ol çep elini öňe ýokaryk galdyryp öňe aýlaýar-da, ýene-de tizlik bilen aşak oturýar we tizlik bilen ýokaryk bökýär-de, 180 gra-

dus yzyna aýlanýar. Şu ýokarda aýdylyp geçilen ýagdaýlaryň hemmesi aktýoryň öz bedenini gowy taplamakda islendik ýagdaýda garaşylmadyk hereketleri dürs ýerine ýetirmäge kömek edýär. Geljekki aktýor öz göwresini her hili ýagdaýlarda deň agramlylykda saklamagy başarmalydyr. Mundan başga-da aktýor öz bedeniniň islendik ýerini hereket etdirip, şol bir wagtda-da beýleki bir ýerini bolsa hereketsiz saklamagy başarmalydyr. Aktýorlar hemişe öz bedenlerini we psihologiýalaryny taplap durmasalar, keşp janlandyrmakda kynçylyk çekjekdikleri ikuçsuzdyr.

2. Sargyt № 931

## 2. AKTÝORYŇ SAZLAŞYKLY HEREKETINIŇ ŞÖHLELENDIRILIŞI

Aktýoryň döredijiliginde iň bir wajyp zatlaryň biri beden myşsalarynyň erkinligidir. Beden myşsalarynyň erkinligi diýlip aktýoryň dürli hereketleri tebigy ýerine ýetirmegine aýdylýar. Bu meseläniň çözülmegine üç zat täsir edýär.

1. Fiziki gurluşyň gowy bolmagy (beden myşsalarynyň çeýeligi, maýyşgaklygy) – fiziki faktor.
2. Hödürlenýän ýagdaýda özüni esasly alyp barşy – psihiki faktor.
3. Aýratyn hususy häsiýet tapawutlylygy (joşgunlylyk, batyrgaýlyk, ýygralyk, özüne ynamlylyk, gaharjaňlyk, gaty görmezlik, gowuşgynsyzlyk, aşa hereketlilik) we beýleki göze görünmeýän adam häsiýetleri.

Şeýle häsiýetleriň ýüze çykmagy aktýoryň keşp döretmekdäki işinde sanap geçen birinji we ikinji şertleriň barlygyna garamazdan, onuň beden erkinligine täsir edýär. Ol döredijilik işini galkyndyryp ýa-da togtadyp bilýär.

Keşp döretmekde aktýoryň edýän hereketleri dürli görnüşde bolup bilýär. Ol, esasan, iki topara bölünýär. Öwrenişilen tanyş we öwrenişilmedik tanyş däl hereketler. Öwrenişilen tanyş hereketler diýip aktýoryň durmuşda ýerine ýetirýän hereketlerine aýdylýar. Bu hereketleri häzirki zaman pýesalarynda amala aşyrmak gaty bir kyn düşüp duranok. Ol aktýoryň öz zehinine bagly bolup durýar. Emma taryhy pýesalardaky keşpleri janlandyranda hereketiň tizligi, eseriň aýratynlygy we tanyş bolmadyk hereketler aktýora uly täsir edýär.

Ol häzirki zaman pýesalarynda näçe erkin hereket edýänem bolsa, bu ýagdaýda gowuşgynsyz bolup galýar.

Aktýor ol keşbiň çözgüdindäki hereketiň talap edýän häsiýetini tapmasa, oňa hödürlenýän ýagdaýlaryň hiç biri onuň esasy hereket etmegine kömek edip bilmez.

Aktýoryň işindäki esasy zatlaryň biri bolup durýan beden erkinligi ýokarda agzalan üç şertiň sazlaşykly birleşmeginiň netijesi bolup durýar. Şertleriň biriniň ýetmezçilik etmegi döredijilik işinde bökdençlik döredip bilýär. Käwagt beden erkinliginiň bolmazlygy psihiki şertler bilen düşündirilýär. Aktýoryň esassyz özüni alyp barmagy käbir ýagdaýda beden dartgynlylygy, aktýoryň fiziki taýdan taýyn däldigi ýa-da onuň hususy aýratynlyklary bilen baglanyşyklydyr.

Biz kino we teatr sungatynyň ösen döwründe ýaşaýarys. Häzirki zaman kinolaryna tomaşa edenimizde dünýä belli aktýorlaryň keşp janlandyryşlary biziň hemmämizde ullakan täsir galdyrýar.

XX – XXI asyryň ussat aktýorlary, özleriniň hereket başarnyklary bilen tomaşaçylaryň aňyna siňdiler. Olardan fransuz aktýorlary Lui de Fýunes, Žan Mareni, Alen Delony, Žan Pol Belmondony, Pýer Rişari, Žerar Depardeni ýatlasak jüpüne düşer.

Şu ýokarda agzalyp geçilen fransuz aktýorlarynyň haýsysynyň nähili kinolarda keşp janlandyrandygyny, siziň hemmäňiz gowy bilýänsiňiz. Lui de Fýunes barada aýtsak, ol XX asyryň ahyrynda fransuz filmleriniň komediýa stilinde düşürilen ähli kinolarynda diýen ýaly oýnaýar. Ol özüniň çalasyn hereketleri bilen ýüz-gözüniň mimikasy bilen dünýä belli aktýordyr.

Žan Marede XX asyrda fransuz kinosynyň ýyldyzy hökmünde özüni dünýä tanatdy. Ol at münmekde, eline gylyç alyp söweş sungatyny görkezmekde gaty erjel fiziki taýdan taplanan aktýorlaryň biridir.

Fransuz aktýorlarynyň içinde meşhurlyga eýe bolan, gaty görmegeý aktýor diýip özüni tanadan Alen Delony hemmämiz tanaýarys. Ol öz döwründe «Zorra» atly kinosy bilen tanalyp başlandy. Ol dürli žanrlarda çykyş edip, meşhurlygy saklap bilen aktýordyr.

Indi Belmondo barada. Onuň nä derejede dünýä arenasynda aktýor hökmündäki ornuny siz bilýänsiňiz. Onuň ähli kinolarynda janlandyran keşbiniň oýun tärlerini, kaskadýorlar etmän, hut

onuň özi ýerine ýetirýär. Mundan başga-da ol özüniň aýratyn tebigy häsiýetli ýüzi bilen tomaşaçynyň ünsüni özüne çekmäge ussatdyr. Aktýor hereket etmäge gaty ussat. Şeýle zehinli aktýor uly hormata mynasypdyr.

Pýer Rişar we Žerar Deparde barada aýtsak, bu iki aktýor köp kinolarda bile oýnap geldiler. Olaryň ikisem dünýä belli aktýorlardyr. Olarda özboluşly häsiýet bolup, boýlary uzyn, gülkünç sypatly adamlar. Ikisiniň bile oýnan kinolarynyň birini ýatlasak, «Gaçgaklar» atly filmde ikisi tanşyp biri-birlerine kömek edip başlaýarlar. Ýöne olaryň biri dogumly, beýlekisi bolsa işi ugruna bolmaýan adamynyň keşbini janlandyrýarlar. Olaryň ikisem hereket etmekde gaty ussat aktýorlardyr.

Dünýä belli Golliwud kinostudiýasynyň ýyldyzlaryny ýatlasak, olardan Silwester Stallonynyň, Stiwen Sigalyň, Mel Gipsonyň we Brýus Uillisiň hereket başarnyklary gaty ýokary derejededir. Meniň bu ýyldyzlary ýatlap geçmegimiň sebäbi, olary agzaman, sahna hereketi barada gürrüň etmek mümkinem däldir.

Stallone barada aýtsak, «Rokki 1», «Rokki 2» atly filmleri bilen bütindünýäniň tomaşaçylaryny özüne maýyl etdi. Ol orta boýly dykyzdan berdaşly adamdyr. Onuň häzirki güne çenli düşen ýüzlerçe filmi ekranlarda görkezilmesini dowam edýär. Onuň düşen kinolaryndan iň meşhurlarynyň biri «Gaýa çykyjy» atly filmde ol ak ýürekli, il-günüň janyny halas etmekde öz janyny gaýgyrmaýan mert, dogumly, gaýduwsyz adamyň keşbini janlandyrýar. Şol filmde dagdan togalanyp, gaýadan-gaýa böküp, ölüm howply oýun tärlerini özi ýerine ýetirýär. Hereket etmekde ussatlygynyň çägi söz bilen beýan ederden has aňyrdadyr.

Stiwen Sigal aýkido söweşi boýunça dünýäde iň meşhur adamlaryň hatarynda durýar. Onuň oýnan filmlerine tomaşa edeniňde, özüňi birhili arkaýyn alyp barýarsyň.

Çünki ol aktýora gözüň düşende, onuň uzyn boýly görmegeý daýaw sypaty sende guwanç duýgusyny oýarýar. Ol ähli düşen filmlerinde islendik kynçylykdan baş alyp çykmagy başarýan keşpleri janlandyrýar. «Basyp almak 1», «Basyp almak 2» atly filmleri oňa mysal görkezmek bolar.

Mel Gipson Golliwud dünýäsinde özüniň meşhurlygy bilen iň köp girdeji gazanýan aktýorlaryň biridir. Ol hem orta boýly, süňňi berk adam. Ol özüniň döredijilik ýolunda dürli häsiýetli keşpleri janlandyran aktýordyr. Ol at münmäge, dürli ýaraglary tutup oňa erk etmäge gaty ukyplydyr. Gaty erjel, çalasyn hereket edip, dürs oýnamagy başarýar. Onuň «Aýallar näme isleýär?» atly filmde aktýorlyk ussatlygynyň ýokary derejesini görkezendigini aýtmalydyrys.

Brýus Uillis Golliwud kinosynyň taryhyna girip, ady iň ökdeleriň hataryna ýazylan aktýordyr. Ol hem dürli žanrlarda oýnap, dürli keşpleri janlandyrmaň hötdesinden gelenleriň biridir. Ol aslynda başga zatlar bilen meşgullanýan adam eken. Ýöne onuň ömür ýoly kino sungatynyň üstünden baryp, ýokary derejä galan aktýordyr. Ol gaty köp filmlerde surata düşdi. Esasanam, komediki keşpleri janlandyrmaga ussatdyr. Onuň «Berk hoz» atly filmdäki keşbi aktýory öňküsindenem ýokary derejä göteren keşbidir. Onuň kelle gurluşy gülkünçden özüne çekijidir. Ol gaty gowy hereketler etmäge ussatdyr. Ýadyňyzda bolsa, ol «Aýyň şöhlesi» atly köp seriýaly kinosy bilenem meşhurdyr.

Siziň ünsüňizi dünýä belli hindi aktýoryna çekmekçi. Ol belli aktýora Amitabh Baççan diýýärler. Ol ýigriminji asyryň ahyrynda Russiýanyň Moskwa şäherinde geçirilen kino festiwalynda dünýäniň iň gowy aktýory diýen ada mynasyp bolupdy. Aktýoryň sypat gurluşy diýseň owadan. Ol uzyn boýly, gara gözli, owadan, gür saçly adam. Aktýor islendik hereketi etse gelşip dur. Ol özüniň janlandyran keşplerinde hemişe adalatyň tarapdary bolup çykyş edýär.

Men siziň hemmäňize mälim bolan «Ar alyş we kanun» atly filmini ýatladasym gelýär. Filmde aktýor dostunyň janyny aman saklamak üçin hemişe özi orta çykýar. Iň soňunda bolsa jany jesedinden çykyp barýan adamynyň nähili ýagdaýda ejir çekýändigini görkezende tomaşaçy bolup oňa biperwaý seredip oturmak asla mümkin däl. Aktýoryň kino sungatynda eden işleri baky ýaşamaga mynasypdyr.

Bu beýik aktýoryň adyna Raj Kapur diýýärler. Ol hindi kinosynyň düýbüni tutanlaryň biridir. Ulus iliň ýüregine mähir bolup siňen bu aktýor barada näçe aýtsaň bärden gaýdar. Biziň hindi kinolar bilen tanşyp başlamagymyzam Raj Kapur bilen baglydyr. Onuň her bir döre-

den keşpleri adamlaryň kalbynda öçmejek ody ýakandyr. Siz bilýänsiňiz «Sergezdan» atly filmde döreden keşbi bütindünýä ýaň saldy.

Mundan başga-da onuň döreden birnäçe kinolaryny ýatlatsak ýerine düşer. Olardan «Jenap 420», «Sangam», «Meniň adym masgarabaz» atly filmleri bilen meşhurdyr. Ol bulardan başga-da birnäçe kinolarda her hili žanrdaky keşpleri janlandyrypdy. Onuň aktýorlyk ussatlygynyň çägi ýokdur. Ol janlandyran keşplerine mahsus bolan hereketlerem goşup, aktýoryň döredijilik ýoly ussatlygyň belent derejesine ýetendir.

Türkmen aktýorlarynyň döreden keşplerini ýatlasak, meşhur Alty Garlyýewiň eden işleri bimöçberdir. Ol öz janlandyran keşplerinde ussatlarça hereket etmegi başarypdyr. «Aýgytly ädim» filminde Gullyhanyň öz içki dünýäsiniň ýigrenjiligi bilen daşky hereketini gabat getirip baglanyşdyrmagy, aktýoryň ussatlygynyň çäksizdigini subut edýär.

Mundan başga-da beýik aktýoryň döreden «Çopan ogly», «Aýal bagşy» filmlerindäki döreden keşpleri dünýä derejesindäki aktýorlaryň deňinde goýmaga mynasypdyr.

Türkmen aktýorlarynyň görkezen ussatlyklary sanardan köpdür. Olaryň hatarynda özleriniň görmegeý syratlary bilen, türkmene mahsus bolan hereketleri bilen tomaşaçylaryň aňyna ömürlik siňen Baba Annanowy, Hommat Müllügi, Artyk Jallyýewi ýatlasak ýerine düşer.

Baba Annanowyň «Aýgytly ädim» filminde ýerine ýetiren keşbi her bir türkmeniň kalbynda baky ýaşar. Onuň her bir eden hereketleri ussatlarça ýerine ýetirilipdir. Ol atyň üstünde-de özüni gaty arkaýyn duýup, islendik hereketi ýerine ýetirýär. Mundan başga-da onuň ýöreýşi, iş edişi tomaşaçynyň gözüni dokundyrýar. Onuň syraty, eşik geýnişi aktýory hasam belent derejä göterýär.

Hommat Müllük hem edil şonuň ýaly beýik keşpleri janlandyryp, halkyň aňyna siňen ussat aktýordyr. «Aýgytly ädim» çeper filminde janlandyran Mawynyň keşbi tomaşaçylaryň aňynda ömürlik galandyr. Ol hakyky garyp oglanyň geýnişini, ýöreýşini, şol keşbe mahsus bolan ähli hereketleri tapyp bilipdir. Ol başga-da birnäçe filmlerde ýatda galjak keşpleri janlandyran ussat aktýordyr.

Ussat aktýor Artyk Jallyýew barada näçe aýtsak aýdyp oturmaly. Siz şol beýik aktýoryň atyň üstünde gowy geýnüwli gyýa bakyp oturşyny ýadyňyza salyň. Ol islendik janlandyran keşbinde türkmene mahsus bolan agraslygy bilen hereket edende nähili täsirli bolýandygyny öz süňňüňiz bilen duýýarsyňyz.

«Şükür bagşy» filminde aktýor iki sany uly keşbi janlandyrypdyr. Bir filmde iki keşbi janlandyryp bilýän aktýorlar gaty seýrekdir. Ol özüniň ussatlygy bilen biri-birine garşy bu iki keşbiň her-birine mahsus bolan häsiýet tapypdyr. Ol Çapyk hanyň keşbindekä oba adamlaryny söweşe gitmäge ýygnaýarkalar, bir oglanyň üstüne atly sürnüp: «Hany seniň ýaragyň?» diýip gaharlanýan ýeri ýadyňyzdamy? Aktýoryň atyň üstünde özüne erk edip, oturşy we islendik hereketi ýerine ýetirişi tomaşaçynyň gözüniň öňünden gitmez.

Üýtgeşik häsiýetli hereketleri bilen halkyň söýgüsini gazanan Sary Garryýewi, Akmyrat Bäşimowy ýatlaman geçmek bolmaz. Olaryň aktýorlyk ussatlyklarynyň çägi ýokdur. Onuň üstesine-de, edýän hereketlerem tebigy berlen zehindir. Ussat Sary Garryýewiň islendik ýerine ýetiren hereketleri gülkünç hem täsirlidir. Onuň «Japbaklar» filminde arkasyna un haltany alyp ýöräp barýarka we arkasyndan şol un haltany aýranlarynda-da edil haltasy bar ýaly edip ýöreýşi, hereket başarmakda ussatdygyny subut edýär. Aktýoryň «Aýgytly ädim» kinosynda iller at münüp iki ýana çapsalar, ol bir agajy at edinip çapan bolşy nähili täsirli. Ol beýik aktýor ýaşyna garamazdan, köp oýnan filmlerinde özboluşly hereketleri ýerine ýetirip, «Gandym aga» ady bilen halkyň aňyna çuňňur siňip gitdi.

Aktýoryň hereket başarnygy barada gürrüň edilende Akmyrat Bäşimowy ýatlaman geçip bolmaýar. «Aýgytly ädim» çeper filmine dolanalyň, Artygyň harmanyny paýlaşanlarynda Akmyrat Bäşimowyň aňyrdan eşeklije, eli gaply hallan atyp gelşi ýadyňyzdamy? Soňundanam açgözlük bilen harmana topulyşy nähili ýatda galyjy wakalar.

«Döwranyň başdan geçirenleri» atly filmde-de aktýoryň awçylaryň biri bolup janlandyran keşbinde ussatlarça ýerine ýetiren hereketleri tomaşaçylaryň çuňňur söýgüsine mynasypdyr.

Biz türkmen aktýorlarymyzyň ekranda we sahnada eden işlerini näçe sanasak sanabermeli. Biz olaryň diňe käbirlerini siziň ýadyňyza

salmak üçin ýatlap geçdik. Aktýoryň hereket başarnygy diýenimizde biz nämä düşünýäris. Ol adama tebigy berlip, özboluşly hereketleri bilen tapawutlanýar. Ikinjiden, adamlar köp okap, öwrenip, hereket edip başarmaklygyň ussatlary bolup ýetişýärler. Aktýoryň beden erkinligi onuň sazlaşykly hereket terbiýesine bagly bolup durýar. Esasy şertleriň biri hem aktýoryň zehinliligidir. Onda tebigat tarapyndan berlen erkin hereket etmek, dürli hereketleri amala aşyrmak ukyby, utgaşyklyk duýgusynyň ýoklugy sazlaşykly sahna hereketini terbiýelemekde bökdençlik edýär. Aktýoryň sazlaşykly sahna hereketini terbiýelemek diýmeklik bu öňi bilen aktýoryň psihofiziki aýratynlygy we dürli tilsimleri ýerine ýetirmeginiň ukybydyr. Bu aktýoryň özüniň sazlaşykly hereketiniň medeniýetini görkezip bilýän, ähli ugurlarda ýeterlikli derejede baş alyp çykmagydyr.

Häzirki döwürde tehnikanyň ösen wagty bütindünýäde düşürilýän kinolaryň köpüsinde aktýorlaryň edýän hereketlerini kompýuter arkaly baýlaşdyrýarlar. Elbetde, adamzat aňynyň ösýän wagty onuň aňyny kanagatlandyrjak geň zatlar gerek bolýar. Ýöne tehnikanyň üsti bilen görkezilýän sahna hereketiniň täsiriniň manylylygy we durumlylygy hiç wagt aktýoryň özüniň ýerine ýetirýän hereketi bilen deň bolup bilmez.

Häzir dünýäde tehnologiýa ösdi. Ekranlarda görýän kinolarymyzda aktýorlaryň uçup bagdan-baga, dagdan-daga böküp ýörenlerini görýäris. Söweşli ýerlerinde bolsa, häzirki zaman dilinde aýdanymyzda, ninzalaryň (uçýan adamlaryň) edýän hereketleri nähili geň galdyrýar. Şonda-da biz olaryň edýän hereketlerini aňymyzda uzak saklamaýarys. Sebäbi biz olaryň edýän hereketleriniň hyýaly zatdygyna gaty gowy düşünýäris.

Geliň, taryha göz aýlalyň. XX asyrda kung-fu şöweş sungatyny dünýä tanadan merhum Brýus Lini ýatlalyň. Onuň gysgajyk ömründe goýup giden sungatynyň adamzat aňynda nähili orun tutanyny hemmämiz bilýäris.

Ol özüniň goýup giden sungatynda ýerine ýetiren hereket ussatlygyny diňe özüniň gujur-gaýraty bilen ýerine ýetirdi. Onuň çakganlygy, çeýeligi içki dünýäsiniň joşup, daşky dünýäsi bilen sazlaşykly hereketi emele getirişi, aktýoryň tebigy zehininiň iňňän ýitiligini görkezýär. Ol mundan başga-da her bir janlandyran keşplerinde ko-

miki taraplaryny hem gaty täsirli ýerine ýetiripdir. Onuň öz süňňüne erk edip, şeýle dürs hereket edip bilmegi sungat äleminde goýup giden özboluşly ýolunyň esasy miwesidir.

Bedeniň sazlaşykly ösüşi gündeki maşklar we bedeniň hereketi, aktýoryň tehnikasynyň esasy bolup durýar. Aktýory sazlaşykly hereketde terbiýelemekde we onuň daşky tehnikasyny kämilleşdirmekde bedenterbiýäniň uly ähmiýeti bar. Sportuň ähli ugurlarynda yzygiderli meşgullanmak, ýagny ylgamak, bökmek, suwda ýüzmek, ata münmek, buzda taýmak aktýoryň beden taýdan hemmetaraplaýyn ösmegine ýardam edýär.

## 3. TEJRIBE BÖLÜMINE GIRIŞ

Tejribe bölüminiň esasy meselesi aktýoryň psihotehnikasyny türgenleşdirmek. Çünki onuň tebigatyny onuň bütin döredijilik durkuny kämilleşdirip, keşbi janlandyrmakda öňde goýlan maksada tiz ýetmek üçin zerurdyr. Ähli okuw sagatlary aktýory döredijilige taýyn edip terbiýelemekden ybarat bolup durýar. Bu meseläni amala aşyrmakda esasy rol aktýoryň sahnada öz hereket başarnygyny takyk gurnap başarmagydyr. Aktýory sazlaşykly hereketde terbiýelemekde esasy we hökmany üç sany maşk etýudlar şulardyr:

1. Hil we endik türgenleşik etýudlary.
2. Sahnada wagty we giňişlikde hereketi guramak, hereket we sahna dilini guramak, hereket we sazy guramak maşk etýudlary.
3. Sahnada gylyçlaşmak sungaty sapagy boýunça maşk etýudlar.

## 4. PSIHOFIZIKI TÜRGENLEŞIK

Bu döredijilik işine bütin nerw ulgamynyň gatnaşmagydyr. Psihofiziki türgenleşigiň bir görnüşi, bu aktýoryň gyjyndyryja gaýtargysydyr. Mysal üçin, göz öňüne getiriň. Bir topar talyplar öz aralarynda bir zatlara güýmenip ýörler. Käbirleri oturgyçda otyrlar. Olaryň çep we sag taraplarynda äpişge bar.

*Mugallym garaşylmadyk ýagdaýda*: «Sag tarapyňyzdan ses gelýär!» diýip, elini çarpýar. Okuwçylar tizlik bilen şol tarapa kellelerini öwrüp, dykgat bilen seredýärler.

*Mugallym ikinji gezek*: «Ses çepiňizden!» diýip, elini çarpýar. Olar tizlik bilen kellelerini çepe öwrüp, dykgat bilen seredýärler.

*Mugallym üçünji gezek:* «Ses sagdan!» diýip, elini çarpýar. Olar tizlik bilen şol tarapa tutuş göwrelerini öwrüp, dykgat bilen seredýärler.

*Mugallym dördünji gezek*: «Ses çepden!» diýip, elini çarpýar. Olar şol tarapa tutuş göwrelerini öwrüp, dykgat bilen seredýärler.

*Mugallym bäşinji gezek*: «Ses sagdan!» diýip, elini çarpýar. Olar ylgap sag äpişgä barýarlar we dykgat bilen daşaryk seredýärler.

*Mugallym altynjy gezek*: «Ses çepden!» diýip, elini çarpýar. Olar ylgap çep äpişgä barýarlar we dykgat bilen daşaryk seredýärler.

Mugallym ýedinji gezek elini çarpandan soň, talyplar hersi bir ýana ylgap dargaýarlar.

Bu ýerde geljekki aktýorlaryň psihikasy barlanyp görülýär. Durmuşda garaşylmadyk ýagdaýlar ýüze çykanda, adamynyň duýgurlygy, görşi, eşidişi has işjeň bolýar. Şeýle ýagdaýlary aktýorlar islendik wagty sahnada ýaşamagy başarmalydyrlar. Garaşylmadyk ýagdaýda ýaşamaklygy görkezmeklik bolsa aktýoryň esasy başarmaly zatlarynyň biridir.

## 5. TEMP WE RITMDEN HEREKETE

Spektaklyň we etýudyň üstünde işlemegiň esasynda hödürlenýän ýagdaý – waka ýatyr. Ol oýna gatnaşýan aktýorlaryň arasyndaky özara gatnaşygy we olaryň öňünde goýlan meseläni anyklaýar.

**Birinji ýagdaý: «Ar alyş» diýen etýud**

1. Bir talyp kitap okap otyr. Ol daşardan bir ses eşidýär. Soň üç sekunt säginýär.
2. Ol haýallyk bilen dört ädim ädip, äpişgäniň ýanyna barýar. Soň üç sekunt säginýär.
3. Tüpeňiň sesi. Ol özüne okuň degşini görkezýär. Soň üç sekunt säginýär.
4. Ol ýykylýar.

**Ikinji ýagdaý: «Atyşyk» diýen etýud**

Iki sany adam deň wagtda biri-birine tarap garşylyklaýyn ýöräp çykýarlar.

Soň üç sekunt säginýärler.

Olar haýallyk bilen biri-birlerine garşy dört ädim ädýärler.

Soň üç sekunt säginýärler.

Olar bir wagtda biri-birine ýarag çeneýärler. Soň üç sekunt säginýärler.

Ok atylýar. Olaryň biri ýykylýar.

Ine, şeýle mysallary näçe getirseň getirip durmaly.

Durmuş garaşylmadyk wakalardan doly. Şol garaşylmaýan wakalary bolsa sahnada janlandyrmak aktýor üçin täsirli bolýar. Adamlar durmuşda garaşylmadyk ýagdaýlara gabat gelenlerinde olar öz edýän hereketlerine üns bermeýärler. Şonuň üçin adam özüniň eden çylşyrymly hereketlerine soň haýran galýar. Emma şol eden hereketlerini täzeden gaýtalajak bolsalar, edil öňküsi ýaly başarmaýarlar.

# 6. DAŞKY HEREKETDEN IÇKI DUÝGA

Gepleşik dramaturgiýanyň esasydyr. Spektaklyň ösüşi gahrymanlaryň özara gatnaşygyny, häsiýetleriň gapma-garşylygyny awtor sözüň üsti bilen beýän edýär. Spektaklyň aňladyjy manysyny bolsa, režissýor bilen aktýor oýlap tapýar. Olar dramaturgyň ýakyn egindeşi ýaly bolup çykyş edýärler. Sebäbi olar sözleşik täsirini hereket we ritm bilen baýlaşdyrýarlar. Şeýle sorag ýüze çykýar. Režissýor tarapyndan hödürlenilýän mizanssena nähili derejede has takyk we aňladyjy gepleşik geçirmäge kömek edýär? Ol oýna gatnaşýan aktýorlaryň arasyndaky aragatnaşygyny we dramaturgyň öňde goýan maksadyny açyp görkezmeli.

Aňladyjy mizanssenany gurnamak ýeňil iş däl. Megerem, sahnada stol başynda gurnalan gyzykly gepleşik özüniň açyk manysyny doly görkezip bilenok. Aktýoryň fiziki taýynlygy onuň özüni duýşy içki duýgusyna täsir edýär.

Mysal üçin, iki sany aktýor biri-birine bakyp, bellibir görnüşde oturyp, öz aralarynda gürleşip başlaýarlar. Olaryň gürrüňleri gyzyşyp, oturyşlary-da üýtgeýär we içki duýgulary ýitileşip, biri-birlerine bolan gatnaşyklary has ýitileşýär.

*Birinji ýagdaý*: Iki sany çopan hersi bir tarapda mal bakýar. Olar iki süriniň aralygynda duşuşýarlar. Olar ilki bir zatlar hakda gürleşýärler. Wagt geçdigiçe olaryň elleriniň hereketleri galgap, çopan taýaklar herekete girýär. Düşünişmezlik ýitileşensoň, olar gyzyl ýumruga girýärler.

# 7. TIZLIK WE TEMP

Aktýoryň ýene-de bir esasy başarmaly zatlarynyň biri, islendik hereketi her hili tizlikde we her hili tempde ýerine ýetirip bilmegidir. Muňa aktýoryň elleriniň barmaklaryny tiz hem haýal oýnatmagy, kellesini iki ýana tiz hem haýal öwürmegi, göwresini tiz öwrüp ýetişmegi, bir zada tiz topulmagy, gerek ýerinde islendik ýaraglary, taýagy ýa-da gylyjy tizlik bilen ulanmagy degişlidir.

Aktýor sahna çykanda, ol näçe çakgan, tiz, owadan, dürs hereket edip bilse, synlap oturan tomaşaçynyň aňyna gowy siňýär. Aktýor sahna çykanda onuň her bir edýän hereketini tomaşaçy dykgat bilen synlaýar. Şonuň üçin aktýor iň bärkisi çäýnekden çaý guýup içende-de özboluşly, täsirli hereket etmäni başarmalydyr.

Geljekki aktýor ilki bilen sahnada ýöremäni bilmelidir. Onuň sahnada hereket etmeginiň ilkinji ädimleri bolsa, şeýle öwrenilip başlanýar:

*Birinji tizlik*: Bäş sekuntda iki ädim ätmeli.Ýagny şol tizlikde durman ýöräbermeli.

*Ikinji tizlik*: Bäş sekuntda dört ädim ätmeli.Ýagny şol tizlikde durman ýöräbermeli.

*Üçünji tizlik*: Bäş sekuntda ýedi ädim ätmeli.Ýagny şol tizlikde durman ýöräbermeli.

*Dördünji tizlik*: Bäş sekuntda on-on bir ädim ätmeli. Ýagny şol tizlikde durman ýöräbermeli.

*Bäşinji tizlik:* Bäş sekuntda on bäş ädim ätmeli. Ýagny şol tizlikde durman ýöräbermeli.

*Altynjy tizlik* : Bäş sekuntda on dokuz-ýigrimi ädim ätmeli.Ýagny şol tizlikde durman ýöräbermeli.

Ýokarda agzalan tizlikler ýerine ýetirilende, olar hakykata ýakyn bolmaly. Ýagny pes tizlikde ýöräp barýan adam ýokary tizlige geçende, sazlaşykly hereket bolmalydyr. Ýerine ýetirilýän hereketiň ugry bolsa islendik tarapa bolup biler.

*Birinji ýagdaý*: Sahnada bir topar talyplar dürli ýagdaýlarda durlar. Olar birinji tizlik bilen dürli taraplara ýöräp başlaýarlar we hersi bir zat bilen meşgul bolýarlar. Birisi mobil telefonda gürleşip barýar. Ýene biri eli kagyz-galamly bir zatlar ýazyp barýar. Birnäçe wagt geçenden soň, olara ikinji tizlik bilen ýöremek buýrulýar. Ine, şeýdip altynjy tizlige çenli dowam edilýär. Talyplar bir tizlikden beýleki bir tizlige geçenlerinde, olardan örän sazlaşykly hereketde geçmekleri we meşgul bolýan zatlaryny dowam etmeklik talap edilýär. Tiz ýöremekligiň düzgünleri ýerine ýetirilende, ol yzygiderli ýerine ýetirilmän, dürli-dürli hem bolup bilýär.

*Ikinji ýagdaý*: Aktýor sahnada birinji tizlik bilen ýöräp barýar. Oňa garaşylmadyk ýagdaýda dürli tizliklerde ýöremeklik talap edilýär. Birinji tizlikden, bäşinji tizlige, bäşinji tizlikden, ikinji tizlige, ikinji tizlikden, dördünji tizlige, dördünji tizlikden, birinji tizlige. Ine, şeýle türgenleşikler aktýory tijendirmäge gönükdirýär.

Tizligiň we tempiň tiz-tizden üýtgedilýän wagty talyplar üçin öňünden belli bolmaýar. Olar şonuň üçin hemişe üns merkezinde bolmalydyrlar. Sebäbi ünsüňi bir ýere jemlemeseň, garaşylmadyk ýagdaýda mugallym tarapyndan aýdylýan tizlikleri dürs ýerine ýetirip bolmaýar. Aktýor sahna çykanda islendik tizlikde bir iş bilen meşgul bolmany başarmalydyr.

*Birinji ýagdaý:* Ol ikinji tizlik bilen ýöräp barýar we dalbardan sallanyp duran üzüm hoşalaryny ýolup geçýär.

*Ikinji ýagdaý:* Ol öýüň içinde üçünji tizlik bilen iki ýana ýöreýär we gundagda ýatan aglaýan bäbejigiň sesini diňdirjek bolýar.

*Üçünji ýagdaý*: Ol howluda birinji tizlik bilen iki ýana ýöreýär we mobil telefonynda gürleşýär.

Aktýor şu wakalary ýerine ýetirip ýörkä, onuň edýän hereketleri tiz-tizden hem üýtgäp biler. Sebäbi biz durmuşdaky bolup geçýän wakalaryň özümize täsir edişiniň netijesi bilen hereket edýäris. Sahnada-da edil şonuň ýaly bolup biler. Aktýoryň sahnada janlandyrýan

keşbi nämäni talap edýän bolsa, ol şoňa görä-de hereket edýär. Ine, şeýle mysallary näçe getirseň getiribermeli.

Şeýlelikde, çäkli haýal hereket, edil tiz hereket ýaly talybyň içki duýgusyny üýtgedýär. Hereketiň tempi bilen emele gelýän fiziki özüni duýujylygy bütin bedenine sazlaşykly täsir edýär. Köplenç, diňe hereketiň tizligi hiç hili waka, ýagdaý, hödürlemesizden, aktýoryň göz öňüne getirijiligini işjeňleşdirýär we onuň tebigatyna täsir edýär.

Sahna durmuşynda aktýora tizlik bilen hereketiň tempini duýmak möhümdir. Sebäbi ol režissýor tarapyndan kesgitlenen temp-ritmdäki keşbiň sazlaşykly hereketini döretmäni we ony saklamany başarmalydyr. Biz indiki mysallarymyzda-da aktýoryň tiz we sazlaşykly hereket etmeginiň üstünde durup geçýäris. Muňa oturyp-turmak diýýäris. Aktýoryň oturgyçda oturyp-turmagynyň birnäçe görnüşleri şulardan ybaratdyr:

1. Ol on sekuntda oturýar we on sekuntda turýar.
2. Ol üç sekuntda oturýar we üç sekuntda turýar.
3. Ol bir sekuntda oturýar we bir sekuntda turýar.
4. Ol on sekuntda oturýar we bir sekuntda turýar.

Indi biz aktýoryň oturyp turmagyny çylşyrymlaşdyrýarys.

*Birinji ýagdaý*: Ol haýallyk bilen oturgyçda oturýar we üç sekunt säginýär. Soň haýallyk bilen ýere geçip, aýbogdaşyny gurup oturýar.

*Ikinji ýagdaý:* Ol tiz oturgyçda oturýar we on sekunt säginýär. Soň tiz ýere geçip, aýbogdaşyny gurup oturýar.

*Üçünji ýagdaý*: Ol tiz oturgyçda oturýar we tiz ýerinden turýar. Soň üç sekunt säginýär we bäş sekuntda ýene-de oturgyçda oturýar üç sekunt säginýär we tiz ýere geçip, aýbogdaşyny gurup oturýar.

Indi ýagdaý ýene-de üýtgeýär we onuň oturgyçda oturyp turmagy manylaşyp başlaýar.

*Birinji ýagdaý*: Ol tiz oturýar we üç sekunt saklanýar. Soň pikirlenip kellesini gaşaýar we on sekuntda ýerinden turýar.

*Ikinji ýagdaý*: Ol on sekuntda oturýar we üç sekunt saklanýar. Soň daragyny çykaryp saçyny daraýar we tiz ýerinden turýar.

*Üçünji ýagdaý*: Ol bäş sekuntda oturýar we üç sekunt saklanýar. Soň sagadyna seredýär we eli bilen dyzyna urýar, soň tiz ýerinden turýar.

3. Sargyt № 931

*Dördünji ýagdaý:* Ol bäş sekuntda oturýar we üç sekunt saklanýar. Soň jübüsinden elýalygyny çykaryp, derini süpürýär we iki elini ýeňsesinde baglap, iki aýagyny öňe uzadyp arkaýyn oturýar.

Ine, şeýle ýagdaýlar ýerine ýetirilende hökmany suratda ýerine ýetirilýän hereketiň manysy ýitmeli däldir. Aktýoryň içki dünýäsi hemişe ýaşamagyny dowam etmelidir. Aktýoryň öňünde ýene-de bir ýerine ýetirmeli çylşyrymly hereketleriniň biri bellibir wagtda ýere ýazylyp ýatmak we ýeriňden turmak. Bu ýagdaý nähili ýerine ýetirilýär?

*Birinji ýagdaý:* Aktýor üç sekuntda ýere ýatýar we üç sekunt säginýär. Soň alty sekuntda ýerinden turýar.

*Ikinji ýagdaý*: Aktýor alty sekuntda ýere ýatýar we üç sekunt säginýär. Soň üç sekuntda ýerinden turýar.

*Üçünji ýagdaý*: Aktýor tiz ýere ýatýar we üç sekunt säginýär. Soň üç sekuntda ýerinden turýar.

*Dördünji ýagdaý:* Aktýor on sekuntda ýere ýatýar we üç sekunt säginýär. Soň on bäş sekuntda ýerinden turýar.

*Bäşinji ýagdaý:* Aktýor on bäş sekuntda ýere ýatýar we üç sekunt säginýär. Soň on sekuntda ýerinden turýar.

*Altynjy ýagdaý:* Aktýor tiz ýere ýatýar we üç sekunt säginýär. Soň tiz ýerinden turýar.

*Ýedinji ýagdaý*: Aktýor otuz sekuntda ýere ýatýar we üç sekunt säginýär. Soň otuz sekuntda ýerinden turýar.

*Sekizinji ýagdaý*: Aktýor tiz ýere ýatýar we otuz sekunt säginýär. Soň tiz ýerinden turýar.

Aktýoryň öňünde durýan mesele diňe onuň bellibir wagtda ýere ýatyp turmaklygy däl-de, ol şol zatlary ýerine ýetirýän wagty durmuşyň päsgelçiliklerinem ýaşap görkezip bilmegidir. Mysal üçin, ol ýatjak bolanda bili agyryp biler. Ýatjak wagty bir zat ýadyna düşüp, pikire batyp biler. Umuman, onuň ähli edýän hereketiniň tomaşaça täsiri bolmalydyr.

Aktýorlar okadylýan wagty, ýagny talyp wagty ýokarda agzalan ýumuşlary üýşüp bilelikde-de geçip öwrenýärler. Sebäbi teatrda we filmde köpçülikleýin sahnalar hökman gabat gelýär. Mysal üçin, ine, şeýle ýagdaýlar bolup bilýär. Sahnada on adam dur. Olar bir wagtda herekete başlap, hersi bir ýagdaýy görkezýärler.

*Birinji ýagdaý*: Ol tiz ýere ýatýar we tiz ýerinden turýar.

*Ikinji ýagdaý*: Ol on sekuntda ýere ýatýar we on sekuntda ýerinden turýar.

*Üçünji ýagdaý*: Ol tiz ýere ýatýar we on sekuntda ýerinden turýar.

*Dördünji ýagdaý*: Ol on sekuntda ýere ýatýar we tiz ýerinden turýar.

*Bäşinji ýagdaý*: Ol tiz ýere ýatýar we üç sekunt säginýär. Soň tiz ýerinden turýar.

*Altynjy ýagdaý*: Ol on sekuntda ýere ýatýar we üç sekunt säginýär. Soň on sekuntda ýerinden turýar.

*Ýedinji ýagdaý*: Ol tiz ýere ýatýar we üç sekunt säginýär. Soň on sekuntda ýerinden turýar.

*Sekizinji ýagdaý*: Ol on sekuntda ýere ýatýar we üç sekunt säginýär. Soň tiz ýerinden turýar.

*Dokuzynjy ýagdaý*: Ol tiz ýere ýatýar we üç sekunt säginýär. Soň on bäş sekuntda ýerinden turýar.

*Onunjy ýagdaý*: Ol on bäş sekuntda ýere ýatýar we üç sekunt säginýär. Soň tiz ýerinden turýar.

Haçan-da sahnada köpçülik bolup ýokarda agzalan hereketler ýerine ýetirilende özboluşly sazlaşykly, geň galdyryjy hereketi emele getirýär. Olar bu ýagdaýda diňe ýere ýatyp, ýerden turmagy ýerine ýetirýärler. Emma bu ýagdaý ýuwaş-ýuwaşdan manylaşyp başlaýar. Ine, şeýle ýagdaýlarda has kyn düşýäni, köp sekundyň dowamynda ýere ýykylýanyňky we ýerden turýanyňkydyr. Sebäbi köp sekundyň dowamynda ýykylýan ýa-da ýerinden turýan adam, öz göwresine haýallyk bilen deň agramda, üznüksiz hereket etdirip bilmelidir. Hem-de onuň edýän hereketiniň aňyrsynda hökmany suratda many bolmalydyr.

Adam durmuşda dürli ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen ýeriň ýüzüne ýykylyp biler. Sebäbi biz aýagymyzy ýerden üzmän ýaşaýarys. Şonuň üçin biziň her ädimimizde garaşylmadyk ýagdaýlar ýatyr. Olardan mysal getirsek, käbirleri şulardyr:

*Birinji ýagdaý*: Adam ýöräp barýar. Birden hem gözi garaňkyrap, başy aýlanýar. Soňam bir zatdan ýapyşmak isleýär-de, başy aýlanyp ýykylýar.

*Ikinji ýagdaý*: Adam ýöräp barýarka aýagynyň aşagyndan bir zat çümýär-de, aýagyny ýere basyp bilmän ýykylýar.

*Üçünji ýagdaý*: Adam ýöräp barýarka göni maňlaýyna daş degýär-de, arkanlygyna gütläp ýykylýar.

*Dördünji ýagdaý*: Adam ýöräp barýar. Ol sallanyp duran bir zady aljak bolup oňa tarap bökýär, soňam ýeriň ýüzüne patlap ýykylýar.

*Bäşinji ýagdaý:* Adam baga münüp bilmän öz oturan şahasyny kesýär, soňam şondan patlap ýere ýykylýar.

*Altynjy ýagdaý*: Adam palta bilen odun çapýar. Birdenem palta agaja degmän aýagyna degýär-de, agyra çydaman ýykylýar.

*Ýedinji ýagdaý*: Adam ýöräp barýar. Ol öňünden çykan haýatdan böküp geçjek bolýar, emma geçip bilmän, başaşak gütläp ýykylýar.

Aktýor sahnada wagty, ýokarda agzalan ýagdaýlaryň hemmesini edil çyn ýaly edip görkezmeli we tomaşaçyny ynandyryp bilmelidir. Haçan-da sahnada aktýorlar köpçülik bolup çykyş edenlerinde, wakanyň talap edýän ähli sahna hereketleri, režissýor tarapyndan gurnalmalydyr. Sahna hereketini gowy öwrenen aktýor režissýor tarapyndan öwredilmedik ýagdaýynda-da, özüniň ugurtapyjylygy bilen baş alyp çykmalydyr.

Kähalatlarda has agyr spektakllaryň köpçülikleýin hereketlerini, režissýor, aktýorlaryň hemmesine anyk, nähili hereket etmelidigini öwredip durmaýar. Oňa wagtam ýetmeýär. Režissýor şol ýagdaýda aktýorlaryň diňe içki dünýäsiniň nähili ýagdaýda bolmalydygyny öwredýär. Galan sahna hereketini bolsa, aktýorlaryň özleri tapmaly bolýarlar. Şonuň üçin geljekki aktýorlar sahna hereketi dersinden dogry we doly kursuny öwrenip geçmelidirler.

## 8. SYNKEŞLIK WE ÝATKEŞLIK

Aktýor gaty synçy we ýatkeş bolmalydyr. Sebäbi aktýoryň bütin ömri durmuşa degişli wakalary keşbiň üsti bilen janlandyryp halkyň aňyna ýetirmelidir. Şonuň üçinem ol hemişe durmuşda gören zatlaryny, görejiniň aňy bilen surata düşürmelidir we şol wakalary hem sahnada ulanyp bilmelidir.

Biz çagalyk döwrümizde hemişe haýsydyr bir zatlara öýkünen bolýardyk. Bir atly geçip barýan bolsa, derrew bir ýerden taýak tapyp, şonuň üstüne münüp ýaňky gören atly adamymyz bolan bolýardyk. Ýa bolmasa bir traktor ullakan göwresi bilen üýşmek gumlary itýän bolsa, bizem derrew bir ýerden gum tapyp, ellerimizi traktoryňky ýaly eden bolup gum iterdik. Şeýle wakalary näçe ýatlasaň ýatlabermelidir.

Biz durmuşda gören geň zatlarymyzy gaty gowy synlap, aňymyza siňdirýäris we ony hökman bir ýerde gaýtalaýarys. Geljekki aktýor üçin bolsa durmuşyň wakalaryny synlap, ondan özüçe netije çykarmak gaty zerurdyr. Näme üçin adamlar durmuşda özara gürrüňdeş bolanlarynda, köplenç, «pylan artist filmde şeý diýdi» ýa bolmasa «pylan artist şeýle hereket etdi» diýip mysal getirýärler.

Adamynyň synkeşligi we ýatkeşligi onuň mydama durmuş ýoluny görkezijisi bolup durýar diýsegem ýalňyşmarys. Ýönekeý adamlar diňe durmuşda gabat gelýän wakalary synlap, özüçe gerek zatlaryny ýatlap galýarlar. Emma aktýor üçin bolsa, diňe durmuşda gabat gelýän zatlaryny synlap oňmaklyk ýeterlik däldir. Ol hemişe köp okamaly we köp öwrenmelidir. Sebäbi ol sahna çykanda tomaşaçylary geň galdyrjak wakalary, hereketleriň we her hili sözleýşiň üsti bilen özüne maýyl etmäni başarmalydyr. Eger-de ol şol zatlary başarmasa, onda ol aktýoryň ýönekeý bir adamdan tapawudy ýokdur. Şonuň üçi-

nem aktýorlara synlamak we ýatkeşlik gaty zerurdyr. Ony öwrenmek bolsa, gaty ýönekeýje zatlardan başlanýar. Mysal üçin:

*Birinji ýagdaý*: Bir talyp sahna çykyp birnäçe hereket edýär-de, ýerine geçýär.

*Ikinji ýagdaý:* Bir talyp sahna çykýar-da, birinji talybyň görkezen ähli hereketlerini gaýtalaýar we ýerine geçýär.

*Üçünji ýagdaý*: Bir talyp sahna çykýar-da, birnäçe hereket edip, ýere ýykylýar. Soň ýerinden turup, ýene-de birnäçe hereket edip ýerine geçýär.

*Dördünji ýagdaý*: Bir talyp sahna çykýar-da, görkezilen ähli hereketleri gaýtalaýar we yzyna öz hereketlerini goşup ýerine geçýär.

*Bäşinji ýagdaý:* Bir talyp sahna çykýar-da, ilki birinji talybyň eden hereketlerini gaýtalaýar. Soň ikinji talybyň eden hereketlerini gaýtalap ýerine geçýär.

Bu ýagdaýda birinji hereketi ýerine ýetirýän adam islendik hereketini edip biler. Emma ony gaýtalaýan adam hökmany suratda birinji adamynyň eden hereketlerini bolşy ýaly gaýtalajak bolmaly.

Bu ýerde bir adam beýleki bir adamynyň ýerine ýetiren zatlaryny gaýtalaýar. Bu bolsa, synçylygyň we ýatkeşligiň ýönekeýräk görnüşidir. Bu ýagdaý ýuwaş-ýuwaşdan kynlaşmalydyr. Hereket edýän adam islän hereketini edip biler. Ol şeýleräk dowam edýär:

*Birinji ýagdaý*: Sahna iki sany talyp çykýar-da, yzly-yzyna her biri birnäçe hereket edip ýerine geçýärler.

*Ikinji ýagdaý:* Bir talyp sahna çykýar-da, ýaňky iki talybyň görkezen hereketlerini yzly-yzyna gaýtalaýar.

*Üçünji ýagdaý*: Sahna üç sany talyp çykýar. Olaryň birinjisi birnäçe hereket edýär-de durýar. Üç sekuntdan soň ikinji talyp birnäçe hereket edýär-de durýar. Üç sekuntdan soň üçünji talyp birnäçe hereket edip durýar.

*Dördünji ýagdaý*: Sahna bir talyp çykýar-da ýaňky üç talybyň görkezen hereketlerini yzygiderli gaýtalap görkezýär.

Ýokarda agzalan mysallary näçe uzaltsaň uzaldybermeli we üstüne näçe hereket goşup aýyrjak bolsaň, ol diňe seniň öz fantaziýaňa bagly bolup durýar.

Bu zatlar göräýmäge ýönekeý bir zat ýalydyr, emma gören zadyňy edil bolşy ýaly gaýtalamak uly synçylygy we ýatkeşligi talap edýär. Aktýor beýleki bir adamyň eden hereketlerini ýöne bir gaýtalaman, ol onuň içki duýgularynam görkezip başarmalydyr. Ol özünden öň çykyp hereket eden adamynyň özüni alyp barşyny, onuň gözleriniň duýgusyny, ýüzüniň mimikasyny duýmalydyr. Ol özünden öň sahna çykan adamyň ýüz-gözi gaýgylymydy ýa-da şadyýanmydy, ine, şu zatlaryňam hemmesini görkezip bilmelidir.

Aktýoryň fantaziýasy pes bolsa, ol hiç haçan tomaşaçynyň göwnünden turup bilmez. Ol hemişe tomaşaçynyň garaşmadyk zatlarynyň üsti bilen, özüne çekmegi başarmalydyr. Ol şonuň üçinem durmuşda bolup geçýän wakalara öz synçylygy bilen, ýatkeşligi bilen bagly bolup durmalydyr.

Durmuşda şeýle bir adamlar bolýar. Olar adamlaryň agzyna öýkünmäge gaty ökde bolýarlar. Diýmek, olaryň synçylygy we ýatkeşligi tebigy taýdan berlen bolýar. Emma şol adamlary sahna çykaryp, bir keşbi janlandyrmagy talap etseň, kynçylyk çekýärler. Sebäbi sahna diýlen zat gaty köp zady talap edýär. Sen hakyky professional aktýor boljak bolsaň, diňe başarýanja zatlaryň bilen oňman, durmuşyň ähli inçe syrlaryny okap, öwrenip, seljerip bilmegi-de başarmalysyň.

Geljekki aktýorlar okadylýarka olaryň ilkinji okuw ýyllaryndan başlap, synkeşlik we ýatkeşlik barada sahna hereketi dersinde gaty köp gaýtalanmalydyr. Olaryň synkeşligi we ýatkeşligi näçe ösdügiçe, beýleki geçýän okuw derslerine-de gaty köp peýdasy bolar.

## 9. SAZY DUÝUP HEREKET ETMEK

Aktýor üçin ýene-de bir gerekli zatlaryň biri onuň saz duýgurlygydyr. Eger-de aktýor sahnada wagty saz çalynýan bolsa, şol sazyň akymyna görä hereket etmelidir. Sahnada gaýgyly saz çalynsa, aktýoram gaýgyly hereket etmegi başarmalydyr. Şadyýan saz çalynsa, şadyýan bolup hereket etmelidir. Sazy duýmaklyk nämeden öwrenilip başlanýar?! Ol ýönekeýje zatlardan başlanýar.

*Birinji ýagdaý*: talyplaryň her haýsy eline bir kiçijik top alyp, sahna çykýarlar. Olar ilki bilen hersi özbaşyna topy ýere urup, gapyp birnäçe hereket edýärler. Olar elleri topa gowy öwrenişensoň, konsertmeýster haýal ritmli sazy çalyp başlaýar. Talyplar ilki biraz sazy diňläp, soň şol sazyň ritmine görä toplaryny ýere urup başlaýarlar. Saz birden kesilýär. Emma talyplar öňki templerinde topy ýere urmaklaryny dowam edýärler.

*Ikinji ýagdaý*: Konsertmeýster ritmi tiz sazy çalyp başlaýar. Talyplar saz bilen bilelikde toplaryny ýere urup başlaýarlar we tä saz gutarýança dowam edýärler.

*Üçünji ýagdaý*: Konsertmeýster haýal ritmli sazy çalyp başlaýar. Talyplaram deň ýagdaýda saza goşulyp, toplaryny ýere urup başlaýarlar. Çalnyp durlan haýal ritmli saz durman, tiz ritmli saza geçýär. Talyplaram haýal oýnap duran toplaryny saz bilen birlikde tiz urup başlaýarlar.

*Dördünji ýagdaý:* Iki talyp konsertmeýsteriň çalýan sazynyň ritmine goşulyp toplaryny ýere urup başlaýarlar. Olar biraz wagtdan soň şol çalynýan ritme görä, ellerindäki toplaryny biri-birlerine oklap oýnaýarlar.

*Bäşinji ýagdaý:* Talyplaryň hemmesi saza görä toplaryny ýere urup oýnap başlaýarlar. Biraz wagtdan olar toplaryny biri-birlerine oklap başlaýarlar we şol saza görä aýdym aýdýarlar.

Ine, aktýoryň sahnada saz duýgurlygynyň sahna hereketi bilen baglanyşygy we olaryň geljekde sahnada saz bilen hereket etmekleriniň ilkinji ädimleri şeýle başlanýar.

# 10. HEREKETI UGRUKDYRMAK

Aktýoryň döredijiliginde ýene-de bir wajyp zatlaryň biri onuň öz hereketini ugrukdyryp bilmegidir. Aktýoryň hereketiniň sazlaşygy – bu onuň haýsy hem bolsa, takyk hereketi ýerine ýetirmekde, beden myşsalarynyň birnäçe toparlaryny sazlaşykly we ritmiki takyk gurnawda ulanmagydyr. Koordinasiýasyz hiç hili aňladyjy hereket we takyk ýerine ýetirilen mizanssena bolup bilmez.

Durmuşdaky ýerine ýetirýän maksada laýyk hereketlerimiziň hemmesi ylalaşylan we sazlaşdyrylandyr. Biz bu hereketlere endik edipdiris. Sebäbi biz olary her günde ýerine ýetirýändigimiz sebäpli, ol hereketler endige öwrülip gidýär. Emma sahnada has aňladyjy hereketleri saýlamaly we gurnamaly bolýar. Olar köplenç, biziň endik eden durmuşda ulanýan hereketlerimize gabat gelmeýär. Aktýoryň döredijilik tejribesinde sazlaşygyň dürli ugurly görnüşleri bolup biler. Haçan-da aktýor sahnada ýeke özükä, ol diňe öz hereketlerini sazlaşdyryp bilýär.

*Birinji ýagdaý:*

Ol öýe girdi-de, köwşüni çykardy. Soň baryp diwanda oturdy. Kellesini aşak egip pikire batdy.

Ol daşardan ses eşitdi. Birden hem kellesini galdyrdy. Soň ýerinden turdy.

Ol äpişgäniň öňüne bardy. Daşaryk seretdi. Köçeden gelen sesiň nämedigini biljek boldy.

Ylgap gapyň ýanyna bardy. Tiz köwşüni geýdi. Soň gapyny açdy-da, daşaryk ylgap gitdi.

*Ikinji ýagdaý:*

Munda iki sany aktýor biri-birlerine bagly bolan ýönekeý hereketlerini ugrukdyrýarlar.

| | |
|---|---|
| Birinji adam. | Ikinji adam. |
| Oturgyçdan turýar. | Oturgyçdan turýar (bir wagtda). |
| Säginýär. | Säginýär. |
| Haýallyk bilen 2 ädim garşydaşyna tarap ýöreýär. | Haýallyk bilen 2 ädim yza ýöreýär. |
| Säginýär. | Säginýär. |
| Haýallyk bilen jübüsinden nagan çykaryp, oňa tarap çeneýär. | Ol bir wagtda elini ýokaryk galdyryp durýar. |
| Säginýär. | Säginýär. |
| Haýallyk bilen oňa tarap 4 ädim ýöreýär. | Haýallyk bilen 4 ädim yza ýöreýär. |
| Säginýär. | Säginýär. |
| Ol garşydaşyna tarap mäşäni gysýar. | Ol oky kabul edip, ýuwaşlyk bilen ýykylýar. |

*Üçünji ýagdaý:*

| | |
|---|---|
| Birinji adam. | Ikinji adam. |
| Oturgyçda otyr. | Oturgyçda otyr. |
| Oturgyçdan turýar. | Oturgyçdan turýar we elini jübüsine salýar. |
| Säginýär. | Säginýär. |
| Haýallyk bilen 4 ädim öňe ýöreýär. | Haýallyk bilen 4 ädim yza ýöreýär we eli bilen jübüsini dörýär. |
| Säginýär. | Säginýär. |
| Penjegini çykaryp zyňýar-da, köýneginiň ýeňini çermeýär. | Penjeginiň jübüsinden süýji çykarýar, garşydaşyna hödürleýär. |
| Säginýär. | Säginýär. |
| Ol elini öňe uzadýar. | Ol süýjüni oňa oklaýar. |
| Ol süýjüni gapýar. | Ol duran ýerinde ýylgyrýar. |

| | |
|---|---|
| Säginýär. | Säginýär. |
| Ol süýjüni iýýär. | Ol iki ädim öňe ädýär. |
| Ol ýuwaşlyk bilen ysgyndan gaçyp ýykylýar. | Ol yzyna öwrülip gaçyp gidýär. |

*Dördünji ýagdaý:*

| | |
|---|---|
| Birinji adam. | Ikinji adam. |
| Oturgyçda 5 sekunt oturýar. | Oturgyçda 5 sekunt oturýar. |
| 5 sekuntda oturgyçdan turýar hem-de elini balagynyň jübüsine salýar. | 5 sekuntda oturgyçdan turýar. |
| 5 sekunt säginýär. | 5 sekunt säginýär. |
| Ikinji tizlik bilen 4 ädim öňe ýöreýär we eli bilen jübüsini dörýär. | Ikinji tizlik bilen 4 ädim yza ýöreýär. |
| 4 sekunt säginýär. | 4 sekunt säginýär. |
| 10 sekuntda penjegini çykarýar, köýneginiň ýeňini çermeýär. | 10 sekuntda penjeginiň jübüsinden süýji çykaryp, garşydaşyna hödürleýär. |
| 5 sekunt säginýär. | 5 sekunt säginýär. |
| 3 sekuntda elini uzadýar. | Ol süýjüni oklaýar. |
| Ol süýjüni gapýar. | Ol oňa seredip durýar. |
| 5 sekunt säginýär. | 5 sekunt säginýär. |
| Ol süýjüni iýip başlaýar. | Ol birinji tizlik bilen yzyna öwrülip, ýöräp başlaýar. |
| Ol tiz ýere ýykylýar. | Ol durýar we 5 sekuntda yzyna seredýär. |

Aktýorlar hemişe hereket etmäni başarmalydyrlar. Dürli tizliklerde we bir tempde. Bir tizlikde we dürli tempde. Bir tizlikde we bir tempde. Ine, şeýle ýagdaýlar her hili mizanssenalary gurnamaga kömek edýär. Aktýor iň ýönekeý ýagdaýda-da özüniň edýän hereketlerini dürli templere we ritmlere bölüp biler. Ine, ol nähili bolýar:

*Birinji ýagdaý:* Ol 3 sekuntda ýerinden turýar we 2 sekunt säginýär. Soň 6 sekuntda elini galdyrýar we tiz elini goýberýär, 6 sekuntda oturýar.

*Ikinji ýagdaý:* Ol tiz ýerinden turýar we 6 sekunt säginýär. Soň 2 sekuntda elini galdyrýar we tiz elini goýberýär, soň 10 sekuntda oturýar.

*Üçünji ýagdaý*: Ol 10 sekuntda ýerinden turýar we 2 sekunt säginýär. Soň 10 sekuntda elini galdyrýar we 10 sekuntda elini goýberýär, soň 10 sekuntda oturýar.

*Dördünji ýagdaý*: Ol tiz ýerinden turýar we 10 sekunt säginýär. Soň tiz elini galdyrýar we tiz elini goýberýär-de, tiz oturýar.

*Bäşinji ýagdaý:* Ol 10 sekuntda ýerinden turup elini galdyrýar. Soň 10 sekunt säginýär we 10 sekuntda elini goýberýär-de oturýar.

*Altynjy ýagdaý:* Ol tiz ýerinden turýar-da elini galdyrýar we 2 sekunt säginýär. Soň tiz elini goýberýär-de oturýar.

Ýokarda agzalan hereketler bir duran ýeriňde ýerine ýetirilýär. Indi bolsa, şol hereketleriň üstüne ýene-de hereket goşup, ony has janlandyrýarys.

*Birinji ýagdaý:* Ol tiz ýerinden turýar we 2 sekunt säginýär. Soň birinji tizlik bilen ýöräp, äpişgäniň öňüne barýar we 2 sekunt säginýär-de, 10 sekuntda elini galdyrýar.

*Ikinji ýagdaý:* Ol 10 sekuntda ýerinden turýar we 2 sekunt säginýär. Soň altynjy tizlik bilen ýöräp, äpişgäniň öňüne barýar we 2 sekunt säginýär-de, tiz elini galdyrýar.

*Üçünji ýagdaý*: Ol 3 sekuntda ýerinden turýar we 10 sekunt säginýär. Soň üçünji tizlik bilen ýöräp, äpişgäniň öňüne barýar 3 sekunt säginýär-de, 6 sekuntda elini galdyrýar.

Sazlaşykly hereketiň bu görnüşinde aktýorlar köpçülik ýagdaýda sahna hereketini ýerine ýetirýärler. Muňa ylgap üýşmek we ylgap dargamak diýilýär.

*Birinji ýagdaý:* Bir topar talyplar sahnanyň ähli tarapyndan birinji tizlik bilen ýöräp orta üýşýärler we 2 sekunt säginýärler. Soň birinji tizlik bilen çykyp gidýärler.

*Ikinji ýagdaý*: Olar altynjy tizlik bilen çykyp orta üýşýärler we 2 sekunt säginýärler. Soň altynjy tizlik bilen çykyp gidýärler.

*Üçünji ýagdaý*: Olar birinji tizlik bilen çykyp orta üýşýärler we 10 sekunt säginýärler. Soň altynjy tizlik bilen çykyp gidýärler.

*Dördünji ýagdaý*: Olar altynjy tizlik bilen çykyp orta üýşýärler we 10 sekunt säginýärler. Soň birinji tizlik bilen çykyp gidýärler.

Hereketler dürli ýagdaýlarda ýerine ýetirilip bilner. Mysal üçin, ilki sazsyz ýerine ýetirip bilerler. Soň saz bilen, ýagny akkord berlende girerler, akkord bilen çykarlar. Girenlerinde akkord bilen girerler. Çykanlarynda melodiýa bilen çykarlar. Talyplar şu ýokarda agzalan hereketleri ýerine ýetirenlerinde, olaryň biri-birleriniň aralygy bir metrden az bolmaly däldir.

## 11. SAHNADA WE KINO SUNGATYNDA ÝYKYLMAKLYGYŇ USULLARY

Aktýoryň sahna hereketi dersinden öwrenmeli esasy zatlaryň birem ýykylmakdyr. Ýykylmak aktýoryň durmuşynda örän wajyp zatlaryň biridir. Islendik kinony alsaň, onda oýnaýan aktýorlar hökman bir ýerde ýykylýandyrlar. Aktýor diňe ýykylany bilen kanagatlanmaly däl. Durmuşda hemme adamlaram ýykylyp bilýär. Durmuşda ýykylýan adam, duýdansyz ýagdaýda ýykylyp gidýär. Emma sahna bilen ekranda hemme zat başgaça bolmaly.

Biz ýene durmuş bilen sungatyň arasyndaky tapawuda gaýdyp gelmeli bolýarys. Iň bärkisi, sahnada goýulýan oýunlaryň kiçijik söweşlerini goýmaga näçe wagt sarp edilýär. Sebäbi şol goýulýan hereketler eseriň talap edýän wakasyna gabat gelmese, ol manysyz bolup galýar. Şonuň üçin aktýorlar sahnada ýykylanlarynda owadan hem ýagdaýa görä ýykylmany başarmalydyrlar. Men ýene-de çagalyk ýyllarymyza gaýdyp gelesim gelýär. Ýadyňyzdamy, elimize taýak alyp atyşyp oýnardyk. Kim öňürti görüp atan bolsa, beýleki atylan nirede bolsa-da, gorkman gütläp ýykylardy. Bir gezek ýandak küdesiniň üstüne ýykylarsyň, bir gezek kümeden aşak ýykylarsyň. Sebäbi biz şol wagtlar öz edýän zatlarymyza ýürekden ynanardyk. Şonuň üçinem biz ýykylanymyzda gorkman ýykylýardyk. Obada önüp-ösen oglanlar bilýändirler. Biz hemişe düýe münüp, eşek münüp günümizi geçirýärdik. Her gün diýen ýalam şolaryň üstünden ýykylardyk. Emma şonda-da gorkman, ýene-de şolaryň üstüne münerdik.

Sahna hereketiniňem öwrenilişi edil ýaňja ýörjen-ýörjen edip durmuşyň ilkinji ädimlerini ädýän çaganyňky ýaly öwrenilip başlanýar. Her bir edilýän hereketlere many berip başlanýar. Ine, şeýdibem aktýor ýuwaş-ýuwaşdan kämilleşip, ussatlyga ýetýär. Biz

ýykylmaklygy entek çagakak bilýäris. Ýöne onuň nämeden döreýändigine akylymyz ýetenok.

Ýykylmak aňsat. Sähelçe ýalňyşsak, bir sebäp bilen derrew ýykylmak bilen bolýarys. Iň bärkisi, tekiz ýerden ýöräp barýarkak sähel bir zada aňalsak, aýagymyz bir bahana bilen bizi ýykmak bilen bolýar. Biz irden öýümizden çykyp, agşam yzymyza gaýdyp barýançak hereketde bolýarys. Ulaga münmeli bolýarys, beýik jaýlara münmeli bolýarys. Kä ýerden eglip geçýäris, kä ýerlerden böküp geçýäris. Ine, şu ýagdaýlaryň hemmesinde-de sähel ahmal bolsaň, ýykylmaklyga sezewar bolýarys. Emma aktýor bu zatlaryň hemmesini sahna, çykanda edil bolmalysy ýaly ýykylyp, tomaşaçyny tolgundyryp, ynandyryp bilmelidir. Ýykylmaklyk iň ýönekeý hereketlerden öwrenilip başlanýar.

*Birinji ýagdaý*: Adam ýöräp barýar. Birden gözi garaňkyrap, ysgyndan gaçýar-da, eli bilen ýeri gözläp, ýuwaşlyk bilen ýere ýykylýar.

*Ikinji ýagdaý:* Adam ýöräp barýar. Birden bir aýagy beýleki aýagyna degýär-de, öňe süssenekläp ýykylýar.

*Üçünji ýagdaý*: Adam bir suwly ýapdan böküp geçjek bolýar. Emma aňyrsyna ýetip bilmän, aýagy taýyp ýykylýar.

Durmuşda şular ýaly ýagdaýlary näçe sanasaň sanap oturmaly. Aktýor bolsa şu ýönekeýje zatlardan owadan zatlary gurnap görkezmäni başarmalydyr.

Ýer ýüzünde müňlerçe millet ýaşaýar. Şol milletleriňem hersiniň özüne mahsus hüý-häsiýetleri bar. Biz häzir ösen tehnikanyň üsti bilen dünýä halklarynyň medeniýetine we sungatyna arkaýyn tomaşa edip bilýäris. Her bir milletiň öz geýnişini, däp-dessuryny, gürleýiş äheňlerini hem görýäris.

Adamzat durmuşynyň ýaşaýyş şertleri birdir. Adam dogulýar, ulalýar, okaýar, öwrenýär, özüne kär saýlaýar, maşgalaly bolýar. Ine, şeýdibem ýaşaýşyny dowam edýär. Aktýoryň sahna hereketini ýönekeýje zatlardan, ýagny durmuşyň içinden alyp kämillige ýetirmek mümkindir.

*Birinji ýagdaý*: Aktýor birinji tizlik bilen eli goşly basgançakdan düşüp barýar. Soň birden aýagy gaňrylýar-da, aşaklygyna ýykylýar.

*Ikinji ýagdaý:* Aktýor ikinji tizlik bilen ýöräp barýar. Birden içinden bir zat tutýar. Soň ol agyryly ýerine elini eltýär we ýuwaşlyk bilen aşak oturýar-da ýere ýykylýar.

*Üçünji ýagdaý*: Aktýor üçünji tizlik bilen ýöräp barýar. Birden aýagynyň damary çekýär. Soň ol bir eli bilen agyryly ýerini tutjak bolýar we ýörejek ugruny ýitirip ýykylýar.

*Dördünji ýagdaý*: Aktýor dördünji tizlik bilen ýöräp barýar. Ol ýerde ýatan bölejik paçagyň üstüne basýar we taýyp ýykylýar.

*Bäşinji ýagdaý:* Aktýor bäşinji tizlik bilen ýöräp barýar. Birden aýagyna çüý çümýär we agyrysyna çydaman ýykylýar.

*Altynjy ýagdaý:* Aktýor altynjy tizlik bilen ýöräp barýar. Birden bir köwşüniň ökjesi gaçýar we ýöreýiş sazlaşygy ýitýär-de ýykylýar.

Bu zatlar adamyň durmuşda her gün ýöräp barýarka gabat gelýän zatlary. Adam üçin durmuşyň gurluşy gyzykly bolýar. Biz gözýetimdäki ähli bolýan zatlary görmek isleýäris. Adamyň görmek we eşitmek islegi bolsa gutarnyksyzdyr.

Aktýor bütin ömrüni gözlegde geçirmeli. Sebäbi tomaşaçynyň isleg-arzuwy günsaýyn öňe gidýär. Eger-de biziň görkezýän sungatymyz tomaşaçynyň aňynda azda-kände täsir galdyrmasa, ol edilen iş hakyky sungatdan daşdadyr. Biziň ýurdumyzda gör näçe gözellikler bar. Mysal üçin, düýe malynyň ýanynda otur-da, onuň otlaýşyna, suw içişine syn kyl. Ýaňja bolan köşejigini ysgap, oňa bolan mähirli garaýşyny synlanyňda şonuň özi hem ummasyz many. Enelerimiziň köşejigini enesini emmäge goýberip, bir tarapyndanam özleri baryp düýäni sagyşlaryny göreniňde gözleriň doýmaýar. Ýaz aýlarynda owlak-guzularyň köpelýän döwründe goýun sürüsiniň gapdalyna baryp, syn kylyp görensiňiz. Eziz Watanymyzyň topragyna ýaňja aýaklaryny basan owlak-guzularyň iki ýana çapyşlaryny synlanyňda nähili gözellik emele gelýär. Enelerimiziň, uýalarymyzyň hamyr edip pişme kesişlerini, tamdyra çörek ýapyşlaryny göreniňde, şonuň özem hereketiň gözel nusgasydyr. Hatar gurap dokmanyň üstünde darak kakanlarynda nähili ýakymly birmeňzeş hereketi emele getirýärler.

Meniň bu zatlary ýatlaýanymyň sebäbi şularyň hemmesem gözel sazlaşykly hereketi emele getirýärler. Biz gözümizi açyp ýerimizden turanymyzdan, hereket edip başlaýarys. Hereketiň bar ýerinde bolsa hökman garşylygam bar, üstünligem.

4. Sargyt № 931

Aktýoram özüniň iň beýik derejesine diňe durmuşyň içinden eriş-argaç bolup geçýän hereketleri öwrenip ýetýär. Öňem belledik, ýene-de belleýäris, aktýor gaty synçy bolmalydyr. Ol durmuşda görýän ýönekeýje hereketiniň üstüni öz döredijilik arzuw hyýaly bilen bezemäni başarmalydyr.

*Birinji ýagdaý:* Aktýor sahna çykanda islendik ýagdaýda duran ýerinde ýykylmany başarmalydyr.

*Ikinji ýagdaý:* Aktýor sahnada islendik zadyň, ýagny oturgyjyň, stoluň üstünden ýykylmany başarmalydyr.

*Üçünji ýagdaý*: Aktýor sahnada aktýor bilen garşydaş bolup çaknyşanlarynda (urşanlarynda) ýykylmany başarmalydyr.

Aktýor kämillik derejesine ýetýänçä, gör näçe kynçylyklara döz gelip öwrenmeli bolýar. Eger ol aktýora mahsus bolan sahna hereketiniň inçe tilsimlerini okap öwrenmese, onuň ýönekeý bir adamdan tapawudy ýokdur.

Aktýor sahnada wagty ol sahnanyň eýesidir. Tomaşaçy bolsa oňa bagly ýüpsüz baglanyp oturan adamdyr. Men muny näme üçin beýle suratlandyrýaryn. Sebäbi tomaşaçy teatra girip oturansoň, ol ähli wagtyny, erkini diňe sahnada görjek wakasyna berýär. Aktýoryň borjy bolsa özüne seredip oturan tomaşaçynyň aňyna ruhy baýlyk siňdirmekdir. Tomaşaçy sahnadan lezzet almasa, ol tiz ýadamak bilen bolýar. Sebäbi onuň görýän we eşidýän zady onuň aňyny doly iýmitlendirip bilenok. Tomaşaçy näme üçin teatra gelýär?! Ol durmuşdaky gündeki gaýtalanyp duran wakalaryndan ýadap, ruhy lezzet alamak üçin teatryň gapysyndan girýär. Aktýor bolsa hemişe özüniň döredijilik täzeliklerini tomaşaça hödürläp durmalydyr.

Biz aktýoryň sahnada ýykylyşy baradaky gürrüňimizi dowam edýäris. Aktýor sahnada aktýor bolmaly. Ol tomaşaçynyň pikir etmeýän zatlaryndan, ýagny ýönekeýje zatlardanam owadan zatlar döretmäni oňarmaly. Sahnanyň jadysy nämede?! Sahnada bolýan wakada boýdan-başa adam keşpleriniň arasynda täsirli waka öňe sürülýär. Aktýorlaryň arasynda hemişe söz söweşi, hereket söweşi dowam edip durýar. Ana, şol täsirleriň döremegi üçinem aktýorlar ýönekeýje zatlardan öwrenip başlaýarlar. Olar şu aşakdaky wakalary görkezenlerinde elleri boş, ýöne edil ellerinde zyňýan zatlary bar ýaly edip görkezýärler. Bir adamyň gaçyp barýan ýagdaýyny we ikinji

adamyň onuň yzyndan kowalaýan pursadyny görkezýärler. Yzyndan kowalaýan adam daş zyňanda hamala elinde daş bar ýaly edip görkezýär. Ol haçan-da daş zyňýan wagty sag eli bilen çep eline güýçli şarpyk bilen urýar. Gaçýan adam bolsa şol şarpygyň sesine özüne daşyň degşini görkezýär.

*Birinji ýagdaý:* Aktýor gaçyp barýar. Yzyndan biri kowalaýar we daş zyňýar. Daş gaçýanyň ýeňsesine degýär. Ol daşyň özüne degşini görkezýär-de, tiz ýykylýar.

*Ikinji ýagdaý:* Aktýor gaçyp barýar. Yzyndan biri kowalaýar we daş zyňýar. Daş gaçýanyň arkasyna degýär. Ol daşyň öz arkasyna degşini görkezýär-de, haýallyk bilen ýykylýar.

*Üçünji ýagdaý*: Aktýor gaçyp barýar. Yzyndan biri kowalaýar we daş zyňýar. Daş gaçýanyň aýagyna degýär. Ol daşyň öz aýagyna degşini görkezýär-de, tiz ýykylýar we tiz turýar. Soň ýene-de agyrýan ýerini tutup, haýallyk bilen ýykylýar.

*Dördünji ýagdaý*: Aktýor gaçyp barýar. Yzyndan biri kowalaýar we daş zyňýar. Daş gaçýanyň ýeňsesine degýär. Ol agyryly ýerini tutup yzyna öwrülende ikinji zyňlan daş onuň ýüzüne degýär we tiz ýykylýar.

*Bäşinji ýagdaý:* Aktýor gaçyp barýar. Yzyndan biri kowalaýar we daş zyňýar. Daş gaçýanyň arkasyna degýär. Tiz ýykylýar we tiz turup gaçýar. Ikinji zyňlan daş ýeňsesine degýär. Tiz ýykylýar we on sekuntda ýerinden turýar. Üçünji zyňlan daş ýüzüne degýär we tiz ýykylýar.

*Altynjy ýagdaý:* Aktýor gaçyp barýarka yzyndan biri kowalaýar we daş zyňýar. Daş gaçýanyň arkasyna degýär. Ol agyryly ýerini tutup yzyna öwrülýär we ikinji zyňlan daş içine degýär. Ol içini tutup zyňana tarap ýöräp başlaýar we üçünji zyňlan daş ýüzüne degýär. Ol ýüzüni tutup dürli taraplara ýöräp, haýallyk bilen ýykylýar.

*Ýedinji ýagdaý:* Aktýor gaçyp barýarka yzyndan biri kowalaýar we daş zyňýar. Daş gaçýanyň aýagyna degýär. Ol agyryly aýagyny tutup, janhowluna ýokaryk bökýär. Ol ýere düşen badyna ikinji zyňlan daş beýleki aýagyna degýär. Ol iki aýagyny tutup çabalanýar. Birdenem iki dyzyna galyp, daş zyňana tarap ýörejek bolýar we agyrysyna çydaman ýykylýar.

*Sekizinji ýagdaý*: Aktýor gaçyp barýar, yzyndan biri kowalaýar we daş zyňýar. Daş gaçýanyň aýagyna degýär. Ol bir aýakda böküp gaçýar we ikinji zyňlan daş arkasyna degýär. Ol tiz ýykylýar we 10 sekuntda turýar-da, daş zyňana tarap ýöräp başlaýar. Üçünji zyňlan daş içine degýär we 10 sekuntda ýykylýar. Ol 5 sekunt säginýär-de, ýuwaşlyk bilen aýak üstüne galýar. Soň zordan ýöräp daş zyňanyň ýanyna baryp, iki eli bilen ony bogjak bolýar. Emma bogmaga güýji ýetmän, syrygyp ýykylýar.

Şu ýokarda görkezilen ýagdaýlary isledigiňçe baýlaşdyryp görkezmek bolýar. Biz bu ýerde esasy özenini alyp görkezýäris. Dramaturgiýanyň isleýşi ýaly edip üstüne goşup, aýryp bilýäris. Bu ýerde esasy zat sahnadaky hereketiň tomaşaça täsirli bolmagyny gazanmakdyr.

## 12. HEREKET BILEN SÖZÜŇ BAGLANYŞYGY

Aktýor sahna çykandan soň ol diňe hereket edip oňmaýar. Ol öz eden owadan hereketlerini owadan sözler bilen bezese, seredip oturan tomaşaça hasam täsirli bolýar. Şonuň üçin aktýor hereket bilen sözüniň yzygiderliligini düzmekligi başarmalydyr. Eger-de ol gaharly sözüni dogry aýdyp, hereketini başgaça etse, ol manysyz bolar. Tersine, hereketini dogry edip, sözüniň aýdylyşyny oňarmasa, ol hem manysyz bolar.

Durmuşda gaharlanyp gepleýän adamyň ellerem, aýaklaram, kelle hereketem, bütin göwresem onuň sözüniň yzyna düşýändir. Edil şonuň ýaly sözi hem hereketiň yzyna düşüp bilýändir.

Bir adam ýönekeý zatlar hakda gürrüň berip durka, onuň el-aýaklary kän bir hereket edýän däldir. Eger ol bir wakany gürrüň berip başlasa, onda edýän hereketi köpelip başlar. Ol öz edýän hereketlerini öňünden gurnamaýar. Oňa diňe öz beýnisi salgy berýär. Sahnada bolsa aktýoryň ähli etjek hereketleri öňünden gurnalýar. Her bir aýdyljak manyly söze birnäçe hereketler barlanylyp görülýär. Şolaryň içinden iň täsirli hereket saýlanylyp alynýar.

Näme üçin hindi kinolary uludan-kiçä üýtgeşik täsir edýär. Sebäbi olar hereketiň çeperçiligini güýçlendirip, käýerlerde bolmajak zatlary hem goşuşdyryp, tomaşaçynyň göwnünden turýarlar.

Adamzat durmuşy gitdigiçe ösüp barýar. Bu günki görlen täsirli hereket, ertir täsirsiz bolup dur. Ýöne gowy tapylan hereketler öz ömrüni dowamly saklap bilýär. Biz muňa mysal edip dünýä belli rok aýdymçysy Maýkl Jeksonyň goýup giden «Aý ýörişi» atly hereketini aýdyp bileris.

Başga-da dünýä belli sungat adamlarynyň görkezen owadan hereketleri gaty köpdür. Sahna hereketi hemişe durmuşyň içinden alnyp,

öwrenilip baýlaşdyrylýar. Olam ýönekeýje zatlardan başlanýar. Mysal üçin, hereket bilen sözüň täsiri we olaryň ulanyş tertibi nähili bolýar?

*Birinji ýagdaý:* Aktýor sahnada otyr. Ol garşydaşyna täsir etmek üçin ilki ýerinden turýar we 3 sekunt säginýär, soň elini uzadýar-da sözüni aýdýar: «Çyk».

*Ikinji ýagdaý:* Aktýor sahnada otyr. Ol garşydaşyna täsir etmek üçin ilki ýerinden turýar-da elini galdyrýar (şu ýerde ýerinden turýan we elini galdyrýan hereketi deň başlap, deň gutarmaly) we 3 sekunt säginýär, soň sözüni aýdýar: «Çyk».

*Üçünji ýagdaý*: Aktýor sahnada otyr. Ol garşydaşyna täsir etmek üçin ýerinden turýar-da, elini uzadyp «Çyk» diýýär. (Bu ýerde ýerinden turmagy, elini uzatmagy, sözüni aýtmagy hemmesi deň başlap, deň gutarmaly).

*Dördünji ýagdaý*: Aktýor sahnada ýassyga gyşaryp ýatyr. Ol garşydaşyna täsir etmek üçin ilki tizlik bilen ýeke dyza oturýar we 3 sekunt säginýär. Soň tizlik bilen iki dyzynyň üstüne galyp, agraslyk bilen «Çyk» diýýär we şol tarapa elini uzadýar.

*Bäşinji ýagdaý:* Aktýor sahnada ýassyga gyşaryp ýatyr. Ol garşydaşyna täsir etmek üçin haýallyk bilen ýeke dyzyna oturýar we 3 sekunt säginýär. Soň haýallyk bilen iki dyzynyň üstüne galyp, tizlik bilen eliniň hereketi bilen «Çyk» diýen sözi deň bir wagtda aýdýar.

*Altynjy ýagdaý:* Aktýor sahnada ýassyga gyşaryp kitap okaýar. Ol garşydaşyna täsir etmek üçin tizlik bilen göni iki dyzyna galýar we 3 sekunt säginýär. Soň haýallyk bilen bir dyzyna galýar (ýagny çep elini çep dyzynyň üstüne goýup, sag elini bykynyna goýýar) we sähelçe ýylgyryp dişini gyjap «Çyk» diýýär-de, haýallyk bilen şol tarapa elini uzadýar.

*Ýedinji ýagdaý*: Aktýor sahnada gyşaryp ýatan ýerinde içini hümledip çaý içýär. Ol garşydaşyna täsir etmek üçin agraslyk bilen oňa tarap kellesini öwürýär we ýuwaşlyk bilen çaýly käsesini ýerde goýýar. Soň 3 sekunt säginýär we haýallyk bilen ýerinden turýar soň garşydaşyna tarap ikinji tizlik bilen üç ädim ýöreýär we «Çyk» diýip elini uzadýar (bu ýerde, el bilen söz deň başlap, deň gutarmaly).

*Sekizinji ýagdaý*: Aktýor sahnada bir iş bilen meşgul bolýar. Ol garşydaşyna täsir etmek üçin öz hereketini saklaýar we elindäki zatlaryny zyňyşdyrýar-da, altynjy tizlik bilen garşydaşyna tarap ýöreýär.

Soň onuň ýakasyndan tutup silterleýär we ýuwaşlyk bilen elini goýberýär. Soňra elini uzadýar-da «Çyk» diýýär.

*Dokuzynjy ýagdaý*: Aktýor sahnada uklap ýatyr. Ol garşydaşyna täsir etmek üçin ukudan oýanýar-da, çalaja kellesini galdyrýar we tiz ýerinden turýar. Soň tizlik bilen duran oturgyjy eline alýar we birinji tizlik bilen 5 ädim öňe ýöreýär. 3 sekunt säginýär, soň agraslyk bilen «Çyk» diýýär-de, ýuwaşlyk bilen oturgyjy ýerde goýýar.

*Onunjy ýagdaý:* Aktýor sahnada otyr. Ol birden ses eşidýär we tiz ýerinden turýar. Soň 5 sekunt saklanýar we birinji tizlik bilen iki ädim öňe ýöreýär. Soň 3 sekunt saklanýar. Üçünji tizlik bilen iki ädim yza ýöreýär, soň 7 sekunt saklanýar we elini salgap üç gezek «Çyk» diýýär (bu ýerde, el bilen söz deň başlap, deň gutarmaly).

Şu zatlaryň hemmesi aktýoryň sahnada hereket bilen sözüniň aýry-aýry ýerine ýetirişi barada aýdylýar. Biz öňem agzap geçdik. Aktýor her edýän hereketine we aýdýan sözüne hökman tomaşaçyny gyzykdyrjak, özüne çekjek bir täsirlik goşmalydyr. Haçan-da aktýor öňünde goýlan meseläniň çözgüdine gowy düşünip täsirli hereket edip bilse, ol birnäçe wagtlap geplemese-de, tomaşaçynyň ünsüni özünde saklap bilýär. Sahnada köp geplemek hökman däl. Sahnada esasy manyly sözlemek gerek. Şonuň üçünem bir manyly söze näçe hereket goşup bolýar. Hereket bilen söz manysy deň agramda gidende, dramaturgiýanyň isleýän zady jüpüne düşýär.

# 13. SAHNADA SÖWEŞ HEREKETI

Sahnada söweş sungaty gaty çylşyrymly bolýar. Aktýorlar öz aralarynda söweş sungatyny görkezenlerinde hakyky söweşýän ýaly bolup tomaşaçyny ynandyrmalydyrlar. Şonuň üçin hem aktýorlar edil çyna berimsiz edip görkezýän sahna söweşlerini ýeňil hem çalasyn edip bilmelidirler.

Sahna şöweşiniň aýratyn uly jogapkärçiligi bar. Her bir ýerine ýetirilýän emeller we hereketler aktýorlar tarapyndan gowy ürç edilip, taýýarlanyp goýulmalydyr. Olar sahnada söweş görkezýän wagtlary olaryň howpsuzlygyny gazanmak üçin söweş sungatyny öwredýän adam hemmetaraplaýyn oýlanyşykly işlemelidir.

Sahna eseriniň talap edýän döwrüniň uruş stilini hökman göz öňüne tutmalydyr. Eger-de sahnada irki döwürleriň söweşiniň ýerine häzirki zaman söweşlerini goýsaň, ol talaba laýyk bolmaýar. Häzirki zaman söweşiniň ýerine-de irki döwrüň söweşlerini goýsaň gelişmez. Şonuň üçin aktýorlar hemmetaraplaýyn söweş sungatynyň düzgünlerini bilmelidirler. Söweş sungaty nähili öwrenilip başlanýar? Eger-de aktýorlar sahna hereketiniň ähli talap edýän görnüşlerini gowy öwrenen bolsalar, onda söweş sungaty hem kyn bolmaýar. Sahna söweş sungaty klassyky eserler sahnalaşdyrylanda köp gabat gelýär. Sebäbi ol eserlerde hemişe gapma-garşylykly wakalar ýitileşip, soňy ar alşa ýetýär. Gadymdan gelýän bu haklaşyklyk köp eserleriň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

Biz taryha göz aýlasak, irki teatrlarda-da, ýagny gadymy Grek teatrlarynyň sahnasynda-da söweşler köp bolupdyr. Olar ýekelikde orta çykyp, agyr gylyçlar bilen sahna söweşini gurnapdyrlar. Biziň öz taryhymyzda-da edil şonuň ýaly wakalar tutuş eseriň esasy özeni bolup durýar. «Görogly» şadessanymyzy alyp göreliň. Onuň ähli ýe-

rinde diýen ýaly gapma-garşylyk döreýär. Görogly begiň gaharyny getiren özüň bolma. Diýmek, türkmeniň ganynda dogumlylyk gaýnap joş urýar. Ol hiç haçan namardyň öňünde ejizläp, boýun towlan däldir. Eger garşydaşy parasatly söze düşünmese, öz söweş sungaty bilen meseläni çöp döwen ýaly edip gidiberýändir.

Sahnada aktýor eseriň özenidir. Ähli wakalary öz zehin başarnygy bilen bezemese, onda onuň sahnada aktýorlygy duýulmaz. Ol ähli edýän hereketlerini tomaşaçynyň aňyndan ýokarda ýerine ýetirmese, ol sahnada näçe çarp ursa-da, täsirsiz bolar. Aktýor hemişe çapyljak at ýaly fiziki tarapdanam, aň-düşünje tarapdanam taýyn bolmalydyr.

## Aktýor üçin sahna söweşi nämeleri bilmegi talap edýär?

*Birinji ýagdaý:* Sahnada goýlan eseriň söweşli ýeri nämeden döreýär?

*Ikinji ýagdaý:* Aktýor öz garşydaşynyň nämäni başarýandygyny we oňa nähili täsir etmelidigini bilmelidir.

*Üçünji ýagdaý*: Sahnada söweşi sahnaň niresinde we nädip ýerine ýetirmeli?

*Dördünji ýagdaý*: Sahnada söweş guran wagty, sahnada goýlan dekorasiýalara nähili gatnaşyk etmeli we olardan nädip peýdalanmaly?

*Bäşinji ýagdaý:* Sahna söweşiniň netijesi näme bilen gutarmaly?

Ine, şu zatlar aktýoryň ilkinji bilmeli zatlarydyr. Dogry, söweş öz-özünden döräp gitmeýär. Onuň üçin aktýorlar urmany, urulmany, depmäni, depilmäni, ýykmany, ýykylmany, islendik ýaraglary tutmany we olaryň howpsuzlygyny gurnamagy başarmalydyrlar.

## 14. SAHNA SÖWEŞINIŇ TEHNIKASYNYŇ ESASY GÖRNÜŞLERI

Dünýä teatrlarynyň ählisinde diýen ýaly klassyky eserler sahnalaşdyrylýar. Türkmen teatrlarynyň hem taryhyna ser salsak, hemişe diýen ýaly klassyky eserler sahnalaşdyrylypdyr. Öňki Mollanepes adyndaky drama teatrynyň sahnasynda goýlan klassyky eserleri sanasaň sogaby bardyr. Özleriniň zehinleri bilen halkyň söýgüsini gazanan tanymal türkmen aktýorlary sanardan köpdür. Haçan-da olar barada okanyňda ýa-da olaryň goýup giden işlerine tomaşa edeniňde biziň türkmen aktýorlarymyzyň sahnada görkezen ussatlyklaryna guwanýarsyň. Olar teatryň sahnasynda dürli žanrdaky keşpleri birkemsiz janlandyrypdyrlar.

Teatr aktýorlary hemişe gözlegde bolýarlar. Sebäbi olaryň döredijilik ýollarynda hemişe garaşylmadyk wakalar gabat gelýär. Gerek ýerinde sahna söweşlerini birkemsiz ýerine ýetirmelidirler. Islendik klassyky eserleri alyp görsek, olarda hökman pyçakly, gylyçly söweşler köp duş gelýär. Aktýor üçin elinde islendik ýaraga erk etmekligi bolsa, onuň, sahnada özüni erkin duýmagyna uly kömek edýär.

Aktýorlar ilki bilen elleri ýaragsyz söweş sungatynyň ilkinji tehnikalaryny bilmelidirler.

Haçan-da sahnada bir aktýor beýleki bir aktýoryň ýüzüne şarpyk çalanda hem-de aýagy bilen depende, ol ýagdaý nähili ýerine ýetirilýär?

*Birinji ýagdaý:*

| A | B |
|---|---|
| Ol garşydaşynyň ýüzüne sag elini tizlik bilen uran ýaly edip, ýanyndan sowa geçirýär. | Ol tizlik bilen ýüzüni bir ýana sowýar, iki eli bilen şarpyldadyp urgyň sesini edýär we tizlik bilen hem ýüzüni tutup ýetişýär. |

*Ikinji ýagdaý:*

| | |
|---|---|
| Ol garşydaşynyň içine sag aýagy bilen depýär. | Ol tizlik bilen öňe egilýär-de, çep elini sag eliniň üstünde goýup, garşydaşynyň aýagyny içine degirmän, eliniň aýasy bilen tutup saklaýar. |

*Üçünji ýagdaý:*

| | |
|---|---|
| Ol ýokaryk bökýär, garşydaşynyň ýüzüne depýär. | Ol tizlik bilen edil öňküsi ýaly iki elini ýüzüniň aşak ýanynda tutup saklaýar. Urgy onuň eline degýär, urgynyň sesi eşidilýär we ol çalasynlyk bilen ýykylýar. |

Ine, şu ýokarda görkezilen üç urgy we üç goranyş sahnadaky ýaragsyz söweşiň esasy tehnikasy bolup durýar. Eger sahnadaky söweş dowamly bolan ýagdaýynda, aktýorlar öz aralarynda gürleşip, ýokardaky söweş tehnikalaryny baýlaşdyryp bilýärler.

Sahna söweşiniň esasylarynyň biri hem sahnadaky gylyç söweşidir.

Sahnada gylyçlaşmak üçin ilki bilen her bir aktýoryň gylyç söweşiniň talap edýän ähli düzgünlerini bilmegi zerurdyr. Aktýorlaryň aralarynda gurnalýan gylyç söweşiniň howpsuzlygyny gurnamak üçin her bir ýerine ýetiriljek hereketler sünnälenip öwrenilmelidir. Göräýmäge sahnada gylyçlaşmak ýeňil ýalydyr. Emma eliňe gylyç alyp söweşmeli bolanda, onuň inçe sungatdygyna göz ýetirýärsiň. Gylyçlaşmak söweşiniň ilkinji öwrenmeli hereketleri, onda ilkinji duruş ýagdaýlaryny bilmekdir. Her bir aktýor ilki garşydaşsyz gylyç tutmany, ýöremäniň we sanjym etmäniň tehnikalaryny öwrenýärler. Gylyçlaşmagyň urmak, sançmak we goranmak görnüşleri şulardan ybarat.

Sançmagyň görnüşleri:

1. *Çepden aşak (garşydaşyň sag tarapy).*
2. *Çepden ýokaryk.*
3. *Sagdan aşak (garşydaşyň çep tarapy).*
4. *Sagdan ýokaryk.*

Urgynyň görnüşleri:

1. *Çepden aşak.*
2. *Çepden ýokaryk.*
3. *Sagdan aşak.*

4. *Sagdan ýokaryk.*
5. *Kelläniň üstünden.*

Sanjylanda goranmagyň görnüşleri:
1. *Çepden aşak.*
2. *Çepden ýokaryk.*
3. *Sagdan aşak.*
4. *Sagdan ýokaryk.*

Urgy urlanda goranmagyň görnüşleri:
1. *Çepden aşak.*
2. *Çepden ýokaryk.*
3. *Sagdan aşak.*
4. *Sagdan ýokaryk.*
5. *Kelläniň üstünden.*

Aktýor mundan başga-da gylyçlaşmagyň howpsuzlygyny saklamak üçin birnäçe zatlary bilmelidir.

Haçan-da söweş gurnalanda ol elindäki gylyjyny berk tutup, ugrukdyrýan taraplaryny gowy gözegçilikde saklamalydyr. Aktýor öz emosiýasyna, içki duýgularyna erk edip, elindäki gylyjyň ýa-da pyçagyň adam üçin howpludygyny unutmaly däldir. Aktýorlar gylyçlaşanlarynda olaryň gylyjynyň ujy beýleki birine çümmez ýaly bir zatlar bilen saralan bolmalydyr.

Haçan-da aktýorlar gylyçlaşanlarynda islendik ýagdaýda, ýagny sanjanda, uranda ýa beýlekide hökman adamyň teni bilen gylyjyň arasynda 10–15 *sm* galmalydyr. Ine, şu ýokardaky agzalan ýagdaýlary we gylyçlaşmagyň tärini aktýor gowy öwrenýänçä, garşydaşy bilen söweş gurnamak gadagan edilýär.

Geljekki aktýorlar ilki bilen sahna söweşiniň, ýagny gylyçly söweşiň ilkinji ädimlerinden öwrenip başlamalydyrlar. Onuň talap edýän ähli tertip düzgünlerini berjaý etmelidirler. Şu aşakdaky ilkinji ädimler garşydaşsyz boşluga seredilip öwrenilýär.

*Birinji ýagdaý:* Aktýoryň bilinde gabyna salyngy gylyjy bar we ol öz garşydaşyna tarap gönelen ýagdaýda dur.

*Ikinji ýagdaý:* Aktýor gylyjyny gabyndan çykaryp, harby durşa gelýär.

*Üçünji ýagdaý:* Aktýor gylyjyny ogşaýar-da, garşydaşyna tarap uzadýar we salam berýär-de, gylyjyny gabyna salyp, başdaky gönelen ýagdaýyna gelip durýar.

*Dördünji ýagdaý:* Aktýor ýene-de başdaky ýaly gönelen ýagdaýda durýar.

*Bäşinji ýagdaý:* Aktýor ýene-de gylyjyny gabyndan çykarýar-da, harby durşa gelýär.

*Altynjy ýagdaý:* Aktýor harby ýöriş bilen bir ädim öňe, bir ädim yza, iki ädim öňe, iki ädim yza ädýär.

*Ýedinji ýagdaý:* Aktýor harby ýöriş bilen bir ädim öňe ädýär we çep aýagy duran ýerinde durýar. Soň sag aýagyny giňden öňe ädýär-de, öňe tarap süýnüp, garşydaşyna gylyjyny sançýar.

*Sekizinji ýagdaý*: Aktýor harby ýöriş bilen iki ädim öňe ädýär we ýene-de garşydaşyna gylyjyny sançýar.

*Dokuzynjy ýagdaý:* Aktýor harby ýöriş bilen dört ädim öňe ýöreýär we her ädiminde bir sanjymy ýerine ýetirýär.

*Onunjy ýagdaý:* Aktýor harby ýöriş bilen alty ädim öňe ýöreýär we her ädiminde urgynyň bir görnüşini ýerine ýetirýär.

Ine, şu ýokarda agzalan ýagdaýlar sahna hereketiniň gylyç söweşiniň ilkinji ädimleriniň tehnikasydyr. Mundan başga-da söweş sungatynyň birnäçe usullary bar. Esasy zat talyplaryň, ýagny geljekki aktýorlaryň sahnada ýa-da kino sungatynda söweş sungatyny owadan gurnap bilmeklerini gazanmakdyr.

Türkmen sungatynyň taryhyna ser salsak, biziň aktýorlarymyz, gör nähili owadan, çalasyn, çakgan hereketler edipdirler. Iň bärkisi, meşhur «Aýgytly ädim» atly kinofilminde-de nähili ynandyryjy sahna söweşlerini gurnapdyrlar. At üstünde ýerine ýetirilen hereketleri, elleri türkmen gylyçly ýerine ýetiren hereketleri diýseň ýerine düşendir.

Aslynda, türkmeniň öýünde hökman tüpeň, gylyç we dutar asylgy durýan eken. Bu zatlar bolsa edermenligi, parasatlylygy, mertligi we şahandazlygy aňladypdyr.

Biz sahna hereketiniň gylyçly söweş sungatynyň aktýorlaryň arasyndaky gurnaljak tehnikasyny beýan etmäge çalyşalyň.

Sanjym tehnikasynyň dürli ugurlarda ulanylyşy.

| A | B |
|---|---|
| 1. Sanjym çepden aşak. | Bir ädim yza (guşaklykdan aşak). |
| | 2-nji gorag |
| | 2. Sanjym çepden ýokaryk (egniň deňine). |
| 3-nji gorag | 3-nji gorag |
| 3. Sanjym çepden ýokaryk. | 4. Sanjym çepden aşak. |
| 2-nji gorag | 4-nji gorag |
| 5. Sanjym sagdan ýokaryk. | 6. Sanjym sagdan aşak |
| 7-nji gorag | 7-nji gorag |
| 7. Sanjym sagdan aşak. | 8. Sanjym sagdan ýokaryk. |
| 4-nji gorag | |

Sahna hereketiniň gylyçly sanjymly söweşiniň ýokarda görkezilen tehnikasyna iki adam gatnaşýar. Olaryň birinjisi hüjüm edýär, ikinjisi goranyşda bolýar. Sahna hereketiniň gylyçly söweş sungatynyň indiki tehnikasyna urgynyň dürli taraplara ulanylyşy diýilýär. Bu söweşde-de iki adam öz aralarynda söweş tehnikasyny görkezýärler.

| A | B |
|---|---|
| 1. Urgy çepden aşak. | 2-nji gorag |
| | 2. Kakyp, urgy çepden aşak. |
| 2-nji gorag | 3-nji gorag |
| 3. Kakyp, urgy çepden ýokary. | 4. Kakyp, urgy çepden ýokary. |
| 3-nji gorag | 7-nji gorag |
| 5. Kakyp, urgy sagdan aşak. | 6. Kakyp, urgy sagdan aşak. |
| 7-nji gorag | 4-nji gorag |
| 7. Kakyp, urgy sagdan ýokary. | 8. Kakyp, urgy sagdan ýokary. |
| 4-nji gorag | 5-nji gorag |
| 9. Kakyp, urgy kelläniň üstünden. | 10. Kakyp, urgy kelläniň üstünden. |
| 5-nji gorag | 6-njy gorag |
| 11. Kakyp, urgy kelläniň üstünden. | 12. Kakyp, urgy kelläniň üstünden. |
| 6-njy gorag. | |

Ýokarda görkezilen söweş tehnikalaryny aktýorlar gowy öwrenenlerinden soň, öz arzuw hyýalyny goşup, söweş tehnikasyny her hili ýagdaýda üýtgedip hem baýlaşdyryp bolýar.

Haçan-da aktýorlar ellerindäki gylyçlaryna gowy erk edenlerinde dowamly sahna söweşini gurnamak ýeňil bolýar.

Indiki sahna söweşiniň tehnikasyna gylyjyň sanjym görnüşiniň ritm tizlendirilişi diýilýär. Söweşiň bu görnüşinde iki aktýor öz aralarynda sanjymyň dört ritmli görnüşini ýerine ýetirýärler.

*Birinji ýagdaý:*

| A | B |
|---|---|
| 1. Sanjym sagdan ýokaryk. | 4-nji gorag (säginýär) |
| | 2. Sanjym sagdan ýokary. |
| 4-nji gorag | 4-nji gorag |
| 3. Sanjym sagdan ýokary. | 4. Sanjym sagdan ýokary. |
| 4-nji gorag | |

*Ikinji ýagdaý:*

| | |
|---|---|
| 1. Sanjym sagdan ýokary. | 4-nji gorag |
| | 2. Sanjym sagdan ýokary. |
| 4-nji gorag (säginýär) | 4-nji gorag |
| 3. Sanjym sagdan ýokary. | 3. Sanjym sagdan ýokary. |
| 4-nji gorag | |

*Üçünji ýagdaý:*

| | |
|---|---|
| 1. Sanjym sagdan ýokary. | 4-nji gorag |
| | 2. Sanjym sagdan ýokary. |
| 4-nji gorag | 4-nji gorag (säginýär) |
| 3. Sanjym sagdan ýokary. | 3. Sanjym sagdan ýokary. |
| 4-nji gorag | |

*Dördünji ýagdaý:*

| | |
|---|---|
| 1. Sanjym sagdan ýokary. | 4-nji gorag |
| | 2. Sanjym sagdan ýokary. |
| 4-nji gorag | 4-nji gorag |
| 3. Sanjym sagdan ýokary. | 4. Sanjym sagdan ýokary. |
| 4-nji gorag | |

Ine, ýokarda görkezilen gylyjyň sanjymly söweş görnüşiniň bu tehnikasyny hem öz başarnygyňa görä isledigiňçe üýtgedip, her hili sanjym görnüşli söweşi gurnap bolýar.

Söweşiň indiki ýagdaýynda aktýorlar bir ýerde durman, olaryň öňe-yza bolan ýöriş hereketleri goşulyp, emel tilsimleri has baýlaşdyrylýar. Eger-de siz öz el-aýaklaryňyzy türgenleşip gowy taplamasaňyz, onda şu görkezilýän söweş sungatynyň tehnikalaryny dürs we owadan görnüşde ýerine ýetirip bilmersiňiz. Şonuň üçin siz haçan-da eliňize gylyç tutup başlanyňyzdan onuň ilkinji ädimlerini we gylyç tutmagyň, urmagyň, goranmagyň başky tehnikalaryny gowy öwrenip el-aýagyňyzy uýgunlaşdyrmasaňyz, gowy netijäniň bolmajagyna garaşyberiň.

Indi, biz has hereketliräk bolar ýaly, indiki söweşimizi çylşyrymlaşdyryp, ony has gyzyklandyrýarys. Garşydaşlaryň ikisi hem biri-birlerine tarap elleri gylyçly söweş ýagdaýynda taýyn bolup durlar.

| **A** | **B** |
|---|---|
| 1. 2 ädim öňe, sanjym sagdan ýokary. | 2 ädim yza, 4-nji gorag. |
| | 2. Sanjym sagdan ýokary. |
| 3. 4-nji gorag, sanjym sagdan ýokary. | 4. 4-nji gorag, sanjym sagdan ýokary. |
| 4-nji gorag | 6. 2-nji gorag |
| 5. Kakyp, sanjym çepden aşak. | (sürtdürip) sanjym sagdan ýokary. |
| 4-nji gorag | 5-nji gorag |
| 7. Kakyp, kelleden urgy. | 8. 4 ädim öňe ýöräp, aýakdan urgy. |
| 4 ädim yza ýöräp, ýokary bökýär. | |
| 9. Iki sanjym çepden aşak we ýokardan urgy. | Iki gezek garşydaşynyň gylyjyny aýlap urýarda, ýokardan goranýar. |
| 8. Ýokardan goranýar. | 10. Kakyp, ýokardan urgy. |

Biz durmuşda hakyky söweşiň nämeden döreýändigine gowy düşünýäris. Emma sahnada söweş döredip, tomaşaçynyň ähli ünsüni özüňe çekmekligiň nähili kyndygy bize düşnüklidir.

Hakyky aktýor hiç haçan tomaşaçydan basylmaly däldir. Ol özüniň teatr sahnasynda durandygyna gowy düşünýär. Teatr sahnasynda bolsa hemişe oýun edilýär. Ýöne şol oýnuň aňyrsynda durmuşyň çözülmedik wakalary ýatyr.

Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiz özüniň milli Lideri bilen gün-günden öňe barýar. Şeýle bedew bady bilen ösýän döwletiň hemme zady gözel bolmalydyr. Merhemetli Prezidentimiz türkmen sungatynyň geljekde nähili derejelerde bolmalydygyny medeniýet we sungat işgärleriniň aňyna ýetirip durýar. Şol sanda kino we teatr sungatynyňam dünýä derejesinde bolmalydygyny belläp geçýär. Eger-de kino we teatr sungatyny ösdürjek bolsak, biz öz aktýorlarymyzy kämilleşdirmelidiris.

Biz geljekki aktýorlary ýetişdirmek üçin gör näçe zähmet çekmeli bolýarys. Biz olaryň hemmetaraplaýyn ýetişmegini isleýäris. Ol diňe gowy hereket edeni bilen gowy aktýor bolmaýar. Ol elmydama özbaşdak köp okap, durmuşyň inçe syrlaryny öwrenmelidir. Gündeki görýän wakalaryny seljermegi başarmalydyr. Eger ol klassyky eserleri okap, dünýä teatrlarynyň taryhyny bilmese, sahna çykmagyň nähili manysy bolsun.

Men şu işimde, esasan, aktýoryň sahna hereketi bilen baglanyşykly zatlaryň üstünde durup geçdim. Sahnada edilýän hereket bolsa aktýordan hemişe ussatlygy talap edýär.

Aslynda, hereket etmek adam üçin gyzykly bolýar. Biz sähelçe begensegem, şowhunly hereket edenimizi duýman galýarys. Türkmen toý tutsa nähili şowhunly hereketler edilýär. At çapylýar, göreş tutulýar, ýaglyga towsulýar, tans edilýär. Sen ömrüňi manyly hereketler bilen baglasaň ol seniň döredijilikli ýoluňa ýagty saçar. Biz bu durmuşyň ähli hereketleriniň içinde ýaşaýarys. Hereket bolsa hemişe öňe gidýär. Eger-de sen şol hereketleriň içinde özüňe gerek peýdaly hereketlere ýapyşsaň, ol seni maksadyňa ýetirer.

Teatr we kino sungaty hemişe durmuşyň her hili wakalaryny ýatladyp duran döredijilik ojagydyr. Şu güne çenli teatr we kino sungatynda goýlan eserleriň hemmesi diýen ýaly adamzat durmuşynyň başdan geçiren ýagşy-ýaman wakalaryny beýan edip gelipdir.

Şeýle zerur gözel sungaty döretmek üçin bolsa zehinli režissýorlar we aktýorlar hiç haçan köplük etmez. Olaryň zehinli bolup ýetişmekleri üçin bolsa sahna hereketiniň orny gaty uludyr.

Aktýor diýlen adam ol hemişe hereketde bolmasa ol hökman öz durkuny ýitirýär.

Sen ömrüňi aktýorlyk hünärine baglan bolsaň hemişe hereketde bolmalysyň. Hereket etseň hiç ýalňyşmarsyň. Hereket edene bereke-dem berilýändir.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. – Aşgabat, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat, 2007.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I-II tomlar. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat, 2010.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Eserler ýygyndysy. – Aşgabat, 2007.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet guşy. – Aşgabat, 2013.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Janly rowaýat. – Aşgabat, 2011.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Älem içre at gezer. – Aşgabat, 2011.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ile döwlet geler bolsa... – Aşgabat, 2015.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ynsan kalbynyň öçmejek nury. – Aşgabat, 2014.
11. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Medeniýet halkyň kalbydyr. – Aşgabat, 2014.
12. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmen medeniýeti. – Aşgabat, 2015.
13. *А.Вербицкая* «Основы сценического движения». Москва, 1975 г.
14. *Станиславский К.С.*П.С.С.1-3т. Москва, Государственное издательство искусства, 1953 г.

15. *Товстоногов Г.* «Зеркало стены» 1-2т.исскуство, Ленинградское отделение, 1976 г.
16. *Петез О. Я.* Мастерство режиссёра. Пространство и время спектакля (учебные пособия для студентов театра и ВУЗов и ин.тов культуры) М.Просвещение, 1983 г.
17. *Эфрас Анатолий* «Профессия режиссёра». Москва, Искусство, 1979 г.
18. Пластическая выразительность актёра. А. Немеровский. Москва, «Искусство», 1988 г.
19. Sowet Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhy. 1917–1970 – A., Ylym, 1975.
20. *Kerimi G.* Mollanepes adyndaky Türkmen akademiki drama teatry. – A., Ylym, 1969.
21. *Saryýew D.* Ýarym asyr sahnada. – A., Türkmenistan, 1974.

# MAZMUNY

Giriş .......... 7

1. Aktýoryň süňňüni taplamak üçin geçilýän maşklar. .......... 13

2. Aktýoryň sazlaşykly hereketiniň şöhlelendirilişi .......... 18

3. Tejribe bölümine giriş .......... 26

4. Psihofiziki türgenleşik .......... 27

5. Temp we ritmden herekete .......... 28

6. Daşky hereketden içki duýga .......... 30

7. Tizlik we temp .......... 31

8. Synkeşlik we ýatkeşlik .......... 37

9. Sazy duýup hereket etmek .......... 40

10. Hereketi ugrukdyrmak .......... 42

11. Sahnada we kino sungatynda ýykylmaklygyň usullary .......... 47

12. Hereket bilen sözüň baglanyşygy .......... 53

13. Sahnada söweş hereketi .......... 56

14. Sahna söweşiniň tehnikasynyň esasy görnüşleri .......... 58

Peýdalanylan edebiýatlar .......... 67

**Gurbanmuhammet Çaryýew**

# AKTÝORYŇ SAHNA HEREKETI

*Ýokary okuw mekdepleri üçin*
*okuw kitaby*


| | |
|---|---|
| Redaktor | *O. Garajaýewa* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh.redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *G. Orazowa* |
| Neşir üçin jogapkär | *A. Gurbanow* |

Çap etmäge rugsat edildi 23.06.2017. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 4,5. Şertli reňkli ottiski 11,25.
Hasap-neşir listi 2,93. Çap listi 4,5. Sargyt № 931. Sany 300.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G.Gulyýew) köçe, 51/1.